**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**
**Magtymguly adyndaky Türkmen**
**döwlet uniwersiteti**

**Agamyrat Mämmedow**

# Döwrüň möhüm meseleleri we žurnalistika

**Ýokary mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi***
***tarapyndan hödürlenildi***

**Aşgabat -2010**

**Mämmedow A.**
**Döwrüň möhüm meseleleri we žurnalistika.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 109 sah.

## Giriş

Garaşsyzlygyk ýurdumyzyň täze Galkynyş we Beýik özgertmeler eýýamy türkmen halkynyň şöhratly taryhyna zer harplar bilen ýazylýar. Bu döwürde eziz Diýarymyz ähli ugurlar boýunça durnukly ösýän, sebide we dünýäde parahatçylyk dörediji ýurt hökmünde giňden tanalýar.

Ata Watanymyzyň gazanan ýokary ykdysady ösüş depginleri, halkara derejesindäki abraýy bolsa Türkmenistanyň milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan hoşniýetli, dostlukly, özara bähbitli we ygtybarly "Açyk gapylar" syýasatynyň miwesidir.

Ýurduň syýasy taýdan asudalygy,daşary ýurtlar bilen ykdysady, söwda gatnaşyklaryny ösdürmek üçin ýurduň açyk bolmagy, daşary ýurt maýadarlaryna ikitaraplaýyn bähbitli işleri alyp barmak üçin amatly şertleriň döredilmegi özara gatnaşyklary giňden ýaýabaňlandyrmakda örän möhümdir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabatda her ýyl daşary ýurtlarda işleýän adatdan daşary, özygtyýarly ilçilerimiz bilen duşuşan mahalynda daşary syýasy we ykdysady gatnaşyklarymyzyň gineýändigini, pugtalanýandygyny belleýär.

Milli Liderimiziň döwlet ýolbaşçylygyna geçen gününden, döwletara gatnaşyklary has ýygjamlaşyp, döwlet ýolbaşçylarynyň ýurdumyza iş we resmi saparlarynyň, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk, oba hojalygy, ulag serişdeleri, ykdysady, syýasy we beýleki ugurlar boýnç a gelýän döwlet delegasiýalarynyň we işçi toparlarynyň saparlarynyň sany barha artýar.

Biziň ýurdumyz dünýäniň ýüzlerçe ýurtlary bilen diplomatik we ykdysady gatnaşyklary saklaýar. Daşary ykdyady syýasatda GDA girýän ýurtlar bilen bir hatarda Ýewropa Bileleşigine mynasyp orun berilýär.

Türkmenistanyň özüniň daşary ykdysady syýasatynda ABŞ bilen hyzmatdaşlyga hem aýratyn ähmiýet berilýändigini bellemek gerek . Milli Liderimiz 2007-nji ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasyna gatnaşmak üçin Nýu-Ýorka baran mahalynda daşary ýurt maýasyny çekmek babatda belli «Ýewraziýa Grup», «Keýs», «Britiş Petroleum», «Şewron», «Katerpiller», «Ekson Mobil», «Şell» ýaly iri halkara korporasiýalarynyň, kompaniýalarynyň we firmalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirdi. «Ýewraziýa Grup» guramasynda bolup geçen işewürler bilen duşuşygynda ykdysady mümkinçiliklerimiz, onuň ileri tutlýan ugurlary, daşary ýurt maýasyny çekmek boýunça döwlet syýasaty hakynda giňişleýin gürüň berdi. Şol taryhy duşuşyk özüniň özüniň mynasyp netijelerini berýär. Muňa Aşgabatda 2010-njy ýylyň iýunynda geçirilen Türkmen-amerikan ykdysady forumynda, şol günler Mähriban Prezidentimiz bu foruma gatnaşmak üçin gbelen dünýä belli iri amerikan kompaniýalarynyň ýolbaşçylaryny kabul eden mahalay hem aýdyň göz ýetirmek boldy.

Milli Liderimiziň : “Biz dünýä üçin açykdyrys we myhmanlary hemişe “gelen-döwlet!” diýip garşylaýarys. Türkmenistan günsaýyn ösýän we öz saýlap alan ýoly bilen öňe barýan döwletdir” diýen programmalaýyn ýörelgesi halkara gatnaşyklarynyň ähli ulgamlaryny öz içine alýandygyny durmuş aýdyňlygy bilen görkezýär.

2009-njy ýylyň Aprel aýynyň 23-24-ne Aşgabat şäherinde BMG-niň howandarlyk etmeginde “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjin etmekde onuň hyzmaty” atly ýokary derejeli Halkara maslahatynyň üstünlikli geçmegi ýurdumyzyň dünýädäki abraýynyň ýokarydygyny äleme äşgär etdi.

Ýurt Garaşsyzlygymyzy alanymyz bäri ol energetika we

nebit-gaz toplumyna bagyşlanan halkara forumlaryň, ylmy maslahatlaryň we sergileriň 14-njisidir.

Türkmenistanyň Milli Lideriniň şu forumda Energetika diplomatiýasy boýunça ýene-de täze teklipleri öňe sürmegi maslahatyň ähmiýetini has-da artdyrdy.

„Energetika diplomatiýasy we halkara hyzmatdaşlyk” guraly Halkara guramalary, döwletleri tarapyndan doly makullanyldy.

Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen energetika ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygyny kämilleşdirmek, ygtybarly dolandyrmak, osdürmek maksady bilen Energetika diplomatiýasy boýunça pudagara iş topary döredildi we onuň ilkinji mejlisiniň geçirilmegi halkara ähmiýetli çäredir. Energetika diplomatiýasynyň öňünde dünýäniň energetika ulgamynda, ginişliginde bolup geçýän özgertmeleriň aýry-aýry ugurlary boýunça monitoring geçirmek, Türkmenistanyň Prezidenti üçin synlary, teklipleri taýýarlamak, şeýle hem energetika ulgamynda daşary ýurtly halkara guramalary, maliýe institutlary bilen özara hyzmatdaşlygy giňeltmek we pugtalandyrmak wezipelerini alyp barmak wezipesi goýuldy.

Şu ýerde Türkmenistanyň öz energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagy diwersifikasiýalaşdyrmak prinsipine eýerip, mysal üçin, „NABUGGO” taslamasy ýaly iri halkara taslamalaryna gatnaşmak üçin bar bolan mümkinçilikleri ulanmagy-da göz öňünde tutýar. Bu barada Milli Liderimiz Hindistan Respublikasynda resmi saparda bolan mahalynda hem belläp geçdi.

Häzirki globallaşdyrylan dünýäde ykdysadyýetimiziň dünýä ykdysadyýetiniň ulgamyna goşulyşmagyna we bar bolan potensialyň tutuş adamzadyň abadançylygyna gönükdirilmegine bagly bolup durýandygyny ykdysadtçy alymlar belleýärler.

Biziň ýurdumyz bütin dünýä tarapyndan gyzyklanma bildirilýän, ýokary depginde ösýän döwletdir. Türkmenistanyň

halkara gatnaşyklary milli bähbitlerden, şonuň ýaly-da dünýä geosyýasy bähbitlerine esaslan ýar.

Türmenistanyň mundan beýläkki daşary syýasaty halkara bileleşigi bilen onuň diwersifikasyýalaşyrylmagy göz öňünde tutulyp, hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmeklige, ykdyasy potensialy kämilleşdirmeklige, importy çalyşmaga ukyply girdejili önümçiligi ýla goýmak arkaly importa garaşlylygy peseltmeklige gönükdirilendir. Türkmenistan umumy kabul edilen halkara ynsanperwerlik kadalaryna laýyklykda, sebit we global çäkde durnuklylygy saklamakda özara goldaw we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna uly orun berýär.

Türmenistan dünýäde bolup geçýän geosyýasy prosesleri nazara almak bilen döwletiň bähbitlerine laýyklykda, halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýlägem dowam etdirer.

Goňşy ýurtlar bilen ykdysady aragatnaşyklar, syýasy we medeni hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmeklik dowam edýär.

Türkmenistanyň daşary syýasaty tehnologiýa taýdan we innowasion döwrebaplaşdyrylmagynyň üpjün edilmegine, täze iş orunlarynyň döredilmegine, zähmet öndürijiliginiň ösdürilmegine, salgytdan gelýän serişdeleriň artdyrylmagyna, bazar infrastrukturasynyň gowulandyrylmagyna we döwlet gutluşynyň ösüşine gönykdirilendir.

Biziň daşary ykdysady syýasatymyzyň özeni açyk ykdysadyýete geçmekligi we ýurdumyzyň dünýä hojalyk aragatnaşyklaryna goşulyşmaklygy hem-de daşary ukdysady işiň ähli görnüşleriniň liberallaşdyrylmagy bolar.

Döwrüň iň möhüm wakalarynyň bolsa, ýurdumyzyň habar beriş serişdelerinde yzygiderli giiňişleýin beýan edilip durulýandygyny nygtamak gerek. Milli Liderimiz tarapyndanýöredilýän işjeň „Açyk gapylar“ syýasaty bu gün türkmen žurnalistikasyny halkara derejelerine çykarýar.

,,Häzirki döwrüň möhüm meseleleri we žurnalistika“ atly okuw gollanmasynda häzirki döwrüň wajyp meseleleri, olara Türkmenistanyň gatnaşygy, olaryň ýurdumyzyň habar beriş serişdeleriniň gatnaşygy barada gürrüň bermeklik göz öňünde tutldy.

## Azyk howpsuzlygy- global mesele

Bazar ykdysady gatnaşyklarynyň ýaýbaňlanmagy bilen döwletleriň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, umuman, dürli ugurlar boýunça gatnaşyklar has-da ýygjamlaşýar. Munuň özi dünýä hojalygynyň globallaşmaklygyny emele getirýär.Döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň iň ileri tutulýan ugurlarynyň biri-de azyk howsuzlygyny üpjün etmekige gönükdirilen hyzmatdaşlyk bolup durýar.

Birleşen Milletler guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) tarapyndan 1974-nji ýylda azyk meseleleri boýunça geçirilen Bütindünýä konferensiýasynda“Azyk howpsuzlygy “ diýen adalga ilkinji gezek ulanyşa girizilip bu gurama tarapyndan işlenilip düzülen “Dünýäde azyk howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça halkara borçnamalary” tassyklanyldy. Azyk meseleleri boýunça ýokary derejede geçirilen Bütindünýä duşuşygynda boilsa bütindünýä azyk howpsuzlygy boýunça Rim Jarnamasy kabul edildi (1996ý.).

Azyk howpsuzlygy diýlende ýurduň çäginde iýmit önümleriniň zerur bolan möçberiniň üpjün edilmegine, iýmit önümlerini satyn almaklyga mümkinçilik berýän raýatlaryň girdejisiniň derejesine, sarp edijiler üçin azyk önümleriniň howsuzlygy, ýagny ilatyň saglygyna ýaramaz täsir edýän azyk önümleriniň öndürilmegini, olaryň ýerlenmeginiň we sarp edilmeginiň bes ediltmgine düşünilýär.

,,Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda“ Türkmenistany

dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek, ykdysady ösüşiň we zähmet öndürijiliginiň ýokary depginleriniň, täze tehnologiýalary we önümçilikleri ornaşdyrmagyň hasabyna ykdysady garaşsyzlygy gorap saklamaklyk ileri tutlýan ugur hökmünde bellenilendir.

Azyk howpsuzlygy batadaky mesele GDA döwletleriniň ýolbaşçylarynyň duşuşyklarda yzygiderli ara alnyp maslahatlaşylýar. 2008-nji ýylyň 6-njy iýunynda Sankt-Peterburg şäherinde bolup geçen GDA döwletleriniň ýolbaşçylarynyň resmi däl duşuşygynda dürli möhüm ugurlar bilen bir hatarda azyk howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň meselelerine-de seredilip geçilendigini ýatlamak bolar. Hormatly Prezidentimiziň şol duşuşykda, mälim bolşy ýaly, 2009-njy ýylda Aşgabatda Arkalaşygyň agza döwletleriniň oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň forumyny geçirmekligi teklip etdi. Şonuň ýaly-da 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Bişkekde bolup geçen sammitde hem milli Lideriniz azyk howpsuzlygyna aýratyn ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda hem suw üpjünçiligi aýratyn üns merkezinde saklanylýar.

Bütindünýä bankynyň bilermenleri tarapyndan döwletleriň ykdysady ösüşine baha berlende ilatyň arassa agyz suwuna elýeterlilik ýagdaýyna hem seljerme berilýändigini bellemek gerek.

Döwletimizde azyk howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen döwrebap maýa goýum syýasaty durmuşa ornaşdyrylaýr, gaýtadan işleýän senagat üns merkezinde saklanylyp, ýokary hilli taýýar önümleri öndürmeklik, gaýtadan işleýän senagatyň täze pudaklaryny ösdürmeklik ileri tutulýar.

Ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmäge üns güýçlendirildi we häzirki wagtda azyk howsuzlygyny üpjün edilen.

Türkmenistan azyk harytlarynyň sähelçe bölegini daşary ýurtladan alýar.

Hormatly Prezidentimiziň tagallary bilen, döwlet tabşyryklary boýunça öndürilýän esasy oba hojalyk önümleri bolan pagtanyň we dänäniň satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy. Oba hojalyk pudagynyň ilaty ekologiýa taýdan arassa ýokary hilli önümleri öndürmekde oňat netijeleri gazanýandygyny bellemek gerek. Gaýtadan işleýän senagat ösdürilýär,onuň esasynda bolsa azyk howpsuzlygyny has-da pugtalandyrmak babatda öňde durýan wezipelere hötde gelmek babatda guwandyryjy netijeker gazanylýar.

Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleỳasynyň 64-nji sessiỳasyna gatnaşmagy, sessiỳanyň işine ỳolbaşçylyk etmegi, dünỳäniň iň abraỳly guramasynyň belent münberinden çykyş etmegi ỳurdumyzyň we Milli Liderimiziň halkara abraỳyny öňküden hem ỳokary göterdi.
Taryhy çykyşda sebit hem dünỳä ähmiỳetli global meseleleriň orta atyldy we bu meseleleriň anyk çözgüdi teklip edildi.

Azyk, ỳaragsyzlanma, suw, energiỳa göterijileriň halkara howpsuzlygy, sebitde we dünỳäde parahatçylygy berkarar etmek ỳaly tutuş adamzat jemgyỳeti üçin oňyn çözgüdine garaşylýan meseleleridir.

Ilki bilen sözümiziň başyny dünỳä azyk meselesinden başlalyň. BMG-niň berỳän maglumatlaryna görä geçen asyryň 80-nji ỳyllarynda azyk ỳetmezçiliginden kösenỳän adamlaryň sany üç ỳüz milliondan gowrak adam bolan bolsa, 1990-njy ỳyllarda bu san ỳedi ỳüz milliona golaỳlapdyr. Häzirki günde bolsa dünỳäde 1 milliarddan gowrak adam azyk ỳetmezçiliginden

Energetika resurslarynyň bahasynyň ỳokarlanmak meỳliniň saklanyp galmagy, ilkinji nobatda gündelik sarp ediliỳän azyk önümlerine öz täsirini ỳetirỳär.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan orta atylan global meseleleriň biri ỳaragsyzlanmadyr. Ýaragly hereketleriň henize çenli parahatçylygyň we ylalaşygyň gazanylmagyna getirmändigini nygtap, oňuşmaỳan taraplaryň arasynda ykdysady gatnaşyklary dikeltmekden we taraplaryň özara bähbidini gazanmaklygyň zerurdygyny nygtaỳar.

Häzir Türkmenistan goňşy owgan ỳurduna sosial infrastrukturanyň desgalaryny gurmakda, elektrik energiỳasyny ibermekde, owgan halkynyň ỳaşaỳyş-durmuşynyň hilini özgertmekde we gumanitar ugurlarda önjeỳli işleri alyp barỳar.

Bu teklipler ỳurdumyzyň daşary syỳasatynyň özeninden gelip çykýar.

Türkmenistanyň sebitde we dünỳäde parahatçylygy berkarar etmekde alyp barỳan hoşniýetli syỳasaty barada gürrüň edilende, Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynda Orta Aziỳa we Hazar basseỳnindäki döwletleriň BMG-niň howandarlygynda sebit düşünişmezliklerini özara ylalaşyp çözmek üçin Aşgabatda duşuşmaga eden teklibini hem nygtap geçmek ýerliklidir.

Hormatly Prezidentimiz Orta Aziỳa sebtinde suw meselesini çözmekde öňe süren teklipleri suw meselesi babatynda kynçylyk çekỳän ỳurtlar üçin nusga alarlyklydyr. Çünki dünỳä döwletleriniň suwa bolan islegi ỳylsaỳyn artỳar. Munuň özi suw serişdeleriň örän tygşytly, ỳerlikle ulanylmagyny talap edỳär. Ulanylmaỳan ỳerasty we şor suwlarynyň peỳdalanylmagyny wezipe edip goỳỳar. „Altyn Asyr” türkmen kölüniň gurluşygy munuň aýdyň mysalydyr. Welaýatlarymyzyň ählisinde suw süýjedigji desgalar gurlar. Köp ýerde suw meselesi birnäçe ýurtlary öz içine alỳar, çünki, mälim bolşy ýaly, derỳalar öz gözbaşyny bir ỳurtdan alyp,

birnäçe döwletleriň içinde akyp geçip bilýärler.Munuň özi döwletleriniň özara ylalaşyk baglaşmagynyň zerurdygyny görkezýär.

Türkmenistanyň dünỳä energiỳa müşgilligini çözmekde öňe süren başlangyçlary dünỳä boýunça gyzgyn seslenme emele getirdi. Çünki, häzir energiýa serişdeleri adamzat üçin örän uly ähmiýete eýedir. Häzirki zaman senagatyny energiỳasyz göz öňüne getirmek mümkin däl.
Şonuň üçin Hormatly Prezidentimiz energiỳa göterijileriň halkara-hukuk binỳadynyň döredilmelidigi barada öňe süren başlangyjy ähli döwletler tarapyndan uly goldaw tapdy.

## Galkyndyrýan galkynyşlar

Diýarymyzyň jemgyýetçilik-syýasy, sosial- ykdysady, nedeni-ruhy durmuşunda, saglygy goraýyşda, ylym- bilimde giňden ýaýbaňlandyrylýan aklyňy haýran ediji çuň we giň möçbrli özgertmeler ýurdumyzyň halkara abraý-hormatyny ýokary göterýär.

Türkmenistan bu gün ykdysady potensialy ygtybarly, syýasy taýdan asuda, geljegi uly döwlet hökmünde dünýäde doly ykrar edildi.

Türkmen Lideriniň dünýäniň abraýly münberlerinden dünýäni gyzyklandyrýan möhüm meseleler babatda uly goldawa mynasyp bolýan garaýyşlaryny beýan etmek bilen, global derjedäki müşgüllikleriň oňyn çözgtlerini tapmak baradaky teklipler bilen çykyş edip durmagy, biziň döwletmiziň pikrine sarpa goýulýan döwletleriň birine öwrülendigini aňladýar.

Türkmenistanyň gysga wagtyň içinde iki gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň Wise- başlyklygyna saýlanylmagy, Döwlet Baştutanynymyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň

belent münberinden çuň mazmunly çykyş etmegi ýurdumyzyň belent abraýyndan habar berýär.

Türkmenistanyň Baştutany dürli ýurtlaryň hem-de halkara guramalarynyň ençemesiniň baştutanlary we wekilçilikli delegasiýalary bilen ähmiýetli duşuşyklary geçiripmek bilen wajyp ylalaşyklary gazanýar. Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň işjeň iş alyp barmagy, paýtagtymyzda Ýewropa öýüniň döredilmegi dünýäde iň abraýly gurama bolan Birleşen Milletler guramasy bilen ysnyşykly aragatnaşyk saklamak baradaky strategiýasyna ygrarlydygyny ýene bir gezek görkezýär.

Beýik Çalkynyş döwründe türkmen tebigy ýangyjyny dünýä bazarlaryna çykarmak bilen ýangyç-energetika babatdaky dünýä müşgülligini çözmäge saldamly goşant goşmak , demir, gara we parom ýollaryny gurmak bilen baglanyşykly öňe süren iňňän wajyp ähmiýetli halkara taslamalary halkara jemgyýetçiliginde giň seslenme tapandygy mälimdir. Daşary döwletler bilen söwda, ykdysady, medeni gatnaşyklary giňeltmek, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy giňden ýaýbaňlandyrmaklyk halkara abraýyny ýokarlandyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň resmi däl sammitinde çykyş edende GDA–nyň ykdysady taýdan ösüşiniň strategiýasyny döretmek meselesi boýunça öz pikirini beýan etmek bilen, hususan-da, azyk howpsuzygynyň öňüni almaklygyň meselelerini çözmeklige goşant goşmak maksady bilen:, ,*2009-njy ýylda Aşgabatda GDA ýurtlarynyň oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň forumyny geçirmek baradaky meselä garamagy teklip edýäris. Bu forumda oba hojalyk sektorynyň önümleriniň, oba hojalyk tehnikasynyň, agronomçylyk tehnologiýalarynyň sergisini guramak mümkinçiligi dörärdi. Şeýle forumyň möhümligi azyk howpsuzlygynyň meselelerini çözmekde aýratyn ähmiýete*

*eýedir. Azyk howpsuzlygy bolsa häzirki zaman dünýäsiniň gün tertibinde möhüm elementleriň biri bolup durýar"diýip belledi.*
2009-njy ýylda Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýurtlarynyň Oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň forumyny geçirmek baradaky bu teklibi hem dünýä möçberinde öňde durýan ykdysady meseleleri çözmek bilen baglanyşykly nobatdaky başlangyçlarynyň biri hökmünde uly goldawa eýe boldy. Ol Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň yksydy babatda halkara derejesinde sesiniň barha ynamly ýaňlanýandygynyň ýene-de bir ýüze çykmasydyr.
Milli Liderimiziň parasatly Baştutanlygynda barha kuwwatlanýan eziz ýurdumyzyň halkara derejesinde işjeň hoşmeýilli syýasat alyp barmak üçin ähli mümkinçilikleri bardyr.

Galkynyş eýýamymyzda ýurduň içerki syýasatynda gazanylýan netijeleriň-de örän guwandyryjydygyny nygtamak gerek.

„Döwlet adam üçindir!" diýen ynsanperwer syýasatya laýyklykda alnyp barylýan buýsandyryjy beýyk özgertmeler ak şähermiz Aşgabatda bolşy ýaly, oba ýerlerinde, etrap, welaýat merkezlerinde hem ýokary depginde dowam edýär

Düýpli özgertmeler diňe bir oba hojalygynda önümçilik pudaklaryny ösdürmeklige gönükdirilmek bilen bir hatarda, obanyň sosial keşbini döwrebaplaşdyrmaklyga hem gönükdirilendir.

"Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy" türkmen obalarynyň keşbini düýpli özgertmek boýunça şeýle uly göwrümli maksatnamany durmuşa geçirmek üçin 72,5 trln. manatlyk serişde sarp etmeklik göz öňünde tutldyr. Munuň özi türkmen obalarynda ýaşaýyşyň

derejesini düýpli özgerdip, ony ýewropa standartlaryna gabap geler ýaly derejede ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

Beýik Galkynyş zamanamyzda ýurdumyzyň dünýä integrasiýasyna goşulyşmaklygy bilim ulgamy babatda hem barha işjeňleşýär.

Mertebeli Prezidentimiziň tagalalary bilen ýurdumyzyň bilim ulgamyny düýpli ösdürmek, ýaşlara berilýän bilim-terbiýäniň ýokary hilini üpjün etmek, bilim hakyndaky resminamalaryň dünýäde ykrar edilmegini gazanmak, ýaşlarymyzyň daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almagyna mümkinçilik döretmek, bilim ulgamyny düýpli özgertmek ýaly wezipeleri durmuşa geçirmekde guwandyryjy netijeler gazanyldy.

Häzir daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde Bilim ministrliginiň, şeýle hem pudaklaýyn edaralaryň ýollamasy bilen ýaşlaryň müňlerçesi okaýar.

Bilim ulgamyna ösen ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ornaşdyrmaklyk döwlet syýasatymyzyň iň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Ýaş nesliň häzirki zaman ylym-bilimini doly ele almaklary üçin okuw-tehniki, multimediýa enjamlary, häzirkizaman kompýuterleri bilen üpjün etmek üçin köp möçberde maliýe serişdeleri sarp edilýär.Kompýuter tilsimatlarynyň, okatmagyň multimediýa-interaktiw usullarynyň bilim ulgamyna giňaen ornaşdyrylmagy, Internetiň global ulgamyna goşulyşmak baradaky çäreler ýaşlaryň bilim derejelerini döwrebap ýokarlandyrmaga uly itergi berýär.

## Dünýä maliýe krizisi we türkmen ykdysadyýeti

Dünýä hojalygyny gaplap alan maliýe çökgünligi zerarly dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi haýallady. Köp döwletlerde önümçilikler togtap başlady. Iş orunlarynyň azalmagy, aýlyk

haklarynyň pese gaçmagy, işsizlik, döwletiň içerki bergileriniň ýokarlanmagy maliýe çökgünliginiň netijesidir

Dünýä maliýe çökgünligi ilatyň sosial-medeni ýagdaýyna, önümçiligiň togtamagyna, halkara söwdasynyň pese düşmegine alyp barýar.

Maliýe çökgünligi halkara söwdasynyň göwrüminiň peselmegine hem getirýär. Çünki öndürilen harytlaryň, ýarym fabrikatlaryň, çig mallaryň hemmesi milli bazarda ýerlenilmän, olaryň belli bir bölegi daşary bazarlara hem ugradylýar. Daşary bazarda islegiň pese gaçmagy taýyn harydy we çig-maly daşyna satýan ýurda hem öz täsirini ýetirýär.

Dünýä hojalygynyň şeýle kynçylyklary başyndan geçirýän döwründe biziň ykdysadyýetimiziň ösüş depginini gowşamazlygy guwandyryjydyr.

Daşary söwdamyzyň ösüşi dünýä söwdasynyň ösüşinden birnäçe esse ýokarydyr.Hormatly Prezidentimiziň progressiw ykdysadyýetiň öňdebaryjy pudaklarynda döwlet eýeçiliginiň saklanyp galmagy uly orun tutýar. Ýurduň maliýesiniň esasy bölegini hasyl edýän pudaklaryň döwletiň elinde saklanmagy ykdysadyýet üçin örän amatlydygy bireýýäm subut edilen hakykatdyr. Gaýtadan paýlamak usuly esasynda döwlet kynçylyk çekýän ugra öz serişdelerini gönükdirýär we kynçylygyň öňüni alýar. 2009-njy ýylda türkmen gazyny Hytaýa ugratmaklyk ýola goýuldy. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň 2009-njy ýylda daşyndan satyn alynýan harytlaryna täzeden seretmek baradaky beren tabşyryklary milli ykdysadyýetimiziň 2010-njy ýylda hem durnukly ösüşe eýe bolmagyna ýardam etdi.

***Beýik ösüşlerimiziň maksatnamasy***

Milli Liderimiziň „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” diýen giň

göwrümi, çuň mazmunly metbugat çykyşynyň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ýeten belent derjeleri we şol düýpli ösüşleri gazanmaklyga giň ýol açýan faktorlaryň düýp özenine aýdyň göz ýeirmäge ajaýyp mümkinçilik berýändigini tutuwbaşdan bellemek gerek.

Bäş bölümden ybarat bu tutumly ylmy konseptual makalada mähriban Prezidentimiziň „Biziň ýurdumyz öz halkynyň gujur-gaýratyna we ruhubelentligine daýanyp, ertekileriň gahrymany äpet pälwanlar ýaly, päsgelçilikeri we kynçylyklary çalt ýeňip geçýär” diýen sözleriniň çuňňur manysy barada oýlananyňda belent ruhubelentlige ýugrulan bu ynamly sözler öz ata Watanyňa bolan söýgi-hormatyňy has-da artdyrýar.

Ýurdumyzyň halkara abraýynyň has ýokary göterilýän häzirki döwürde milli Liderimiäiň Türkmenistany dünýäniň iň ösen döwletleriň hataryna çalt deňleşdirmek ugrunda alyp barýan tutumly işleri barha rowaçlanýar. Ykdysady özgertmelerimiziň halkara derejesinde hem örän ýokary baha mynasyp bolýandygy bolsa guwançly ýagdaýdyr. Dünýäniň birnäçe ýurtlarynda maliýe-ykdysady çökgünlik dowam edip, önümçiligiň pese gaçan, işsizligiň artan döwründe milli Liderimiz tarapyndan ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylan ykdysady-durmuş reformalar esasynda güýçli depginlerde ösýän ykdysadyýetimize, merdana halkymyza daýanmak bilen amala aşyrylýan beýik özgeretmeleriň ýokary netijelerine Halkara Pul Gaznasy, Ykysady Ösüş Banky ýaly abraýly guramalar tarapyndan mynasyp baha berilýändigi ähli ildeşlerimizi-de diýseň buýsandyrýar. Bütindünýä bankynyň, Ýewropa ösüş we abatlaýyş bankynyň hem döwletimiziň maliýe-ykdysady potensialy babatda hut şeýle oňat garaýyşdadygyny bellemek gerek.

Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzdaky syýasy-jemgyýetçilik durmuşyndaky asudalyk, döwletimiziň baky

Bitaraplyk statusy, durnukly durmuş-ykdysady ösüşimiz, milli walýutamyzyň hümmetiniň dunuklylygy, ýurdumyzda döwrebap ulag aragatnaşyk infrastrukturaynyň hereket etmegi, daşary ýurt maýa goýumlarynyň kanun taýdan goraglylygy ,maýadarlary höweslendirmek üçin döredilýän salgyt ,gümrük boýunca ýeňillikler düýpli tutumlarymyza badalga berýän netijeli daşary ýurt maýa goýum syýasatynyň rowaçlanmagyna ähli mümkinçilikleri döredýär.

Ata Watanymyz dünýä bileleşiginde ygtybarly, mynasyp hyzmatdaş hökmünde giňden tanalýar. Mähriban Prezidentimiziň öz netbugat çykyşynda örän ýerlikli belleýşi ýaly, döwletimiz ygtybarlylygy, açyklygy, howpsuzlygy üpjün edýän ýurt hökmünde uly abraýdan peýdalanýar. Bu biziň ýurdumyza iňňän uly halkara ykdysady taslamalaryny durmuşa geçirmekde daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen arkalaşykly, ynamly iş alyp barmaga mümkinçilik berýär. Täze uly göwrümli maksatnamalary amala aşyrmaklygy meýilleşdirmäge giň ýol açýar.

Asyryň iri gurluşyklarynyň biri bolmak bilen, geljekde Türkmenistany has-da gülzarlyga, bag bakjaçylkga, öwürjek we ençeme täze hojalyklaryň döredilip oba hojalyk, azyk önümleriniň bolçulygyny , täze iş orunlarynyň müňlerçesini döretjek, daş-töweregiň ekologiýasynyň goulanmagyna täsir etjek ,,Altyn asyr” Türkmen kölüne, täze Galkynyş eýýamynyň gözbaşynda Esengulydan badalga alan täze ülňülerine laýyk gelýän etraplaryň artjak eziz ýurduňa buýsanýarsyň

Täze Galkynyşlarymyzyň aýdyň alamatyna öwrülip, gün-günden ösüp barýan ,,Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda peýda bolýan täze ajaýyp desgalardyr binalar ýakyn geljekde kuwwatly Türkmenistan döwletini dünýä tanatmaga ýakyndan hyzmat etjek, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyna kuwwat goşjak bu täsin türkmen künjegine guwanýarsyň.

Mähriban Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen durmuşa geçirilýän uly tutumlaryň aňrysy-bärisi ýok. Ajaýyp wakalaryň, şowly işleriň, beýik başlangyçlaryň, dost-doganlyk gatnaşyklarynyň rowaç alýan häzirki döwürde eziz Dýarymyzyň iň ösen döwletleriň hataryna çalt deňleşmegi ugrunda hormatly Prezidentimiziň tutumly işleriniň hatarynda uly maýa goýumlaryny talap edýän Türkmenistan–Özbegistan-Gazagystan-Hytaý transmilli gaz geçirijisini, ,, Türkmen-Eýran“ gaz geçirijisini, giň gerimler bilen gurluşygy alnyp barylýan ,,Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyny, ulanylmaga berlen Atamyart–Kerkiçi demirýol köprüsini, Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen halkara demirýol geçelgesiniň gurluşygyny, ,, Altyn Asyr“ Türkmen kölüni we başgalary görkezmek bolar.

Türkmenistan-Özbegistan-Hytaý halkara gaz geçirijisiniň, ýagny, bu dostlukly döwletiň topragyna ilkinji milliard kub metr türkmen gazynyň barandygy baradaky hoş habar bilen begendiren bu dostlugyň we hyzmatdaşlygyň simwolyna öwrülen bu döwletli ulgamyň halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň maddy binýadyny pugtalandyrmakda örän uly rol oýnajalkdygy türkmen ilimizde uly ruhubelentlik döredýär. ,,Demirgazyk-Günorta” demirýol geçelgesiniň uly geljegine umyt baglanýar.

Milli Liderimiziň bu çuň mazmunly metbugat çykyşynyň ,,Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna”diýlip atlandyrylmagynyň çuňňur simwoliki manysy ýakymly oýlanmalara atarýar. Eýsem-de bolsa bu işde täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda öňe sürlen ,,Döwlet adam üçindir!” diýen baş şygarynyň many-mazmunynyň açylyp görkezilýändigi barada pikir ýöredýärsiň we:
-Türkmenistanyň Esasy Kanunyň täze redaksiýasynda ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy bellenýär- diýlip nygtalýan setirleri seriňde aýlap, Hormatly Prezidentimiziň beýik özgertmeleriniň tutuş

halkymyz tarapyndan uly ruhubelenlik bilen garşylanyp, uly goldawa mynasyp bolýandygyny, olaryň durmuşa geçirilmegine ildeşlerimiziň yhlasly ýapyşýandyklaryny öz ýanyňdan hoşallyk bilen belleýärsiň. Munuň özi ýurdumyzda dowam edýän beýik özgertmeleriň durmuşa geçirilmeginiň bir uly girewidigine göz ýetirýärsiň. Eziz Diýarymyzyň giňden ýaýabaňlandyrýan beýik ösüşlerine biziň her raýatymyzyň öz mynasyp goşantlaryny goşmak höwesi bilen ýaşaýa, döredýär, guryar. „Iliň güýji-siliň güýji“ ! Uly il
bolup, agzybirlikde ýapyşylan işiň bolsa, bitmejek gümany bolmaz!

Bu pursat Esengulydan başlanan özgertmeleriniň ýurdumyzyň ähli welaýatlary boýunça uly depginler bilen giňden ýaýbaňlandyrylan döwletli işler arkaly Mähriban Prezidentimiz tarapyndan mähir alada bilen gurşalyp alynýan eziz ildeşlerimiziň, ilkinji nobatda hem ýaşuly neslimiziň wekilleriniň çar ýandan ýagýan alkyş sözleri hakydaňda janlanýar. Daşary döwlet ýolbaşçylarynyň biriniň dünýäde döwlet tarapyndan Türkmenistandaky ýaly halk üçin alada edilýän başga bir ýurt ýokdur diýip aýdanlary biygtyýar hakydaňa dolýar we onuň doly hakykata laýyk gelýändigini guwanç bilen tasssyklaýarsyň.Işgärleriň zähmet halkarynyň , pensiýalaryň,talyphaklarynyň we hemaýat pullarynyň yzygioderli ýokarlandyrylyp durulmagy, tebigy gazyň, elektrik energiýasynyň,, suwuň, nahar duzunyň, ulag üçin ýangyjyň mugt berilmegini ýatlap geçmek erlilidir.

1941-19454-nji ýyllaryň Bewýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş Güni mynasybetli ýaşuşy nesle goýlan uly sylag-sarpa hem milli Liderimiziň ýurdumyzda alyp barýan durmuş ugurly ynsanperwer syýasatynyň dabaralanýandygyndan bir alamatdyr.

Milli Liderimiziň ady agzalan metbugat çykyşynda ýurdumyzda maliýe-bank ulgamynyň ösdürilişi, gurluşyk

ulgamynyň giňden ýaýabaňlandyrylmagy, hususy eýeçilige giň ýolm açylmagy we başga-da ykdysady ösüşlerimiziň birnäçe ugurlary boýunça aýdylaýn ajaýyp pikirler özüniň döwrebaplygy we türkmen ykdysadyýetiniň häzirki wagtda eýeleýän ornuna doly we aýdyň göz ýetirmekde uly ähmiýetiniň bardygy, şeýle bilen örän uly ähmiýete eýedir. Uly ösüşleriň esasynda bolsa oýlanyşykly we parasatly saýlanylyp alnan ileri tutulýan ýörelgeleriň, maksanamalaryň durýandygyny hormatly Prezidentimiz örän ýerlikli belläp geçdi.

Şu ýerde Garaşsyz ýurdumyzyň durmuş-ykdysady babatda durnukly ösüşini yzygideri dowam etdirýändigine käbir mysalllar arkaly nygtamak geeçesimiz gelýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde bellenilişi ýaly, 2010-njy ýylyň dört aýynda hem milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda durnukly ösüşe eýe bolundy.Ýanwar –mart aýynda hususan-da, gurluşyk, ulaglar we aragatnaşyk ýaly pudaklarda işleriň 2-3esse artmagynyň hasabyna jemi içerki önümiň durnukly ösüşi gazanyldy.

Ýurdumyzyň Ýaşulularynyň ýakynda Daşoguzda geçirilen Maslahatynda makullanylan ,,Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşliniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň bolsa has-da uly tutumlary göz öňünde tutýandygy äşgärdir. Nesip bolsa, halka daýanylyp gazanylýan ýokary ykdysady netijeler halkyň hatyrasyna ulanmak bilen, täze Milli maksatnama ildeşlerimiziň durmuşyny täze hil derejesine çykarmakda aýgytly rol oýnar.Ýurdumyzda häzirki zaman obasenagat infrastukturasyny döretmekde, netjede bolsa, hormatly Prezidentimiziň obany düýpli galkyndyrmak babatda öňde goýýan belent wezipeleriniň durmuşa geçirilmegi ugrundaky uly öňegidişlik bolar.

## Çar tarapdan myhman gelişin görüň!

2009-njy ýylyň 23-nji aprelinde dünýäniň meşhur habar beriş serişdelerinin ençemesiniň, şolar arkaly bolsa dünýäniň miillionlarça ilatynyň nazary dürli derejedäki halkara forumlarynyň, duşuşyklardyr sergileriniň geçirilýän mekanyna öwrülen Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanyň ak paýtagty Aşgabada sary gönükdi. Şol gün Ruhuýet köşgünde dünýäniň iň global meseleleriniň biri bolan „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnykly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki halkara maslahat açyldy.
Bu halkara Aşgabat forumy adatdaky maslahatlardan özüniň gatnaşyjylarynyň düzüm taýdan has giň häsiýete eýedigi bilen aýratyn tapawutlanýar. Oňa BMG-niň Rezolýusiýana awtordaş bolup çykyş eden döwletleriň resmi wekilleriniň, BMG-niň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, GDA-nyň,Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Halkara energetika Hartiýasynyň, we beýlekileriň ýolbaşçylarynyň, wekilleriniň,dünýäde meşhur Total, Gheýron, Gazprom, OMW ýaly100-den gowrak kompaniýalaryň gatnaşýandygy onuň iňňän uly ähmiýete eýedigini, onuň işine Ýer ýüzünde iňňňän uly ähmiýet berilýändigini äşgär görkezýär. Ozal habar berlişi ýaly,maslahatda global energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek üçin döwletleriň özara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmagy, halkara turba geçirijileriniň howpsuzlygynyň hukuk binýadynyň üpjün edilmegi ýaly möhüm meseleler giňden ara alnyp maslahatlaşylar. Aşgabadyň sergi köşgünde Halkara maslahatyna gatnaşyjylar ýurdumyzyň ümmülmez energetika mümkinçilikleri, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň uly geljegi bilen hem tanyşdyrylar.

Häzirki zaman globallaşýan dünýäsinde Türkmenistan hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça özara ylalaşykly hereketleriniň netijeliligine ýardam bermek bilen, daşky dünýä bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmegi maksat edinýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň milli bähbitlerimizi we häzirki zaman meýillerini göz öňünde tutmak bilen, tutuş daşary syýasaty işjeňleşdirmek boýunça başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edýändigini uly buýsanç bilen aýdasymyz gelýär. Ýangyç energetikasy babatdaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak hem şol başlangyçlaryň naýbaşylaryndandyr. Ýeri gelende, hormatly Prezidentimiziň tutanýerli tagallary bilen, nebitgaz ulgamynyň ýeten derejelerini, häzirki wagtda bar bolan hem-de giň potensial mümkinçiliikleri barada daşary ýurt hyzmatdaşlalryna we ähli gyzyklanýan taraplara gürrüň bermek naksady bilen mahabat işlerini durmuşa işjeň geçirmek babatdaky çäreler giňden ýaýbaňlandyrylyp, däp bolşy ýaly,Aşgabatda we onuň çäklerinden daşarda hem halkara maslahatlaryň, sergileriň guralyp durulmagy ýangyç energetika toplumynyň kuwwatyny has pugtalandyrmakda örän uly ähmiýete eýdigini belläp geçmek blar.Milli Lidermiziň tabşyrygy boýunça Angliýanyň paýtagty Londonda geçirilen ,,Türkmenistanyň nebiti we gazy -2008“ atly konferensiýanyň, Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçirilen ,,Azerbaýjanyň we Türkmenistanyň nebit we gaz mümkinçilikleri: energetika, ykdysadyýet, ekologiýa. Hyzmatdaşlygyň baş ugry“ atly bilelikdäki sergi we konferensiýa bu aýdylanlaryň aýdyň mysalydyr.

Türkmenistanyň ýöredýän daşary syýasatyň esasy maksatlaýyn ugry ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly we depginli ösüşine ýardam etmekden ybarat bolup durýar. Bu biziň ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň kämilleşmegine we diwersifikasiýalaşmagyna uly täsir edýär. Döwletimizde öndürilýän önümleriň esasy bölegi eksporta iberilmek bilen, ol

Türkmenistanyň daşarky bäsleşige ukyplydygyny aýdyň häsiýetlendirýär. Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy 2005-nji ýylda ABŞ-nyň 8,6 mlrd. dollary bolanlygyndan, 2008-nji ýylda ABŞ-nyň 13,4 mlrd. amerikan dollaryna çenli ösdi.
Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň esasy ugurlary eksporynyň geografiýasyny giňeltmek, ykdysadyýetiň çig mal däl pudaklarynyň we bölekleriniň ýurduň daşyna iberýän harytlarynyň möçberlerini artdyrmak, önümçilik kuwwatlyklaryny tehnologiki taýdan kämilleşdirmek bolup durýar.

Türlmenistanyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda ösüşleriň yzygiderli we ýokary depginlerde amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň barha pugtlanýandygyny, ilatymyzyň durmuş ýaşaýyş- derejesiniň ýokarlanýandygyny, turuwbaşdan guwanç bilen belläsimiz gelýär. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan,,Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnykly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmatuy“ hakynda Rezolýusiýanyň kabul edilmegi tutuş adamzadyň bagtyýarlygynyň hatyrasyna , Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ajaýyp ýeňşi hökmünde häsiýetlendirildi.Tebigy gaz diňe bir ýangyç hökmünde bolman,halk hojalygynyň ählу ugurlary üçin wajypdyr, ol syýasy wakadyr, uly dawalaryň öňüni alyp biljek uly mümkinçilikdir.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň beýik Galkynyş eýýamyna gadam basmagy bilen ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny ösdürmek , türkmen gazyny, nebtini we nebit önümlerini dünýa bazarlaryna ugratmagyň diwersikasiýasyny amala aşyrmak barada uly tagallalar edilýändigi guwandyrýar. Munuň ykdysadyýetimiz üçin ygtybarly strategiki hyzmatdaşlygy ýola goýmakda, pudagy has

belent sepgitlere çykarmakda örän uly bähbidi bardyr. Hormatly Prezidentimiz ýangyç-energetika babatda işjeň tagallary etmek bilen, türkmen tebigy uglewodorod serişdelerini türkmen halky bilen birlikde sebitdäki ýurtlara, ýangyç- enerfetika babatda dünýä müşgilliklerini çözmäge hem hyzmat etmegi ugrunda tutanýerli alada edýär.
Turba geçirijileriň howpsuzlygyny üpjün edilmeginiň daşary ýurtlara türkmen gazynyň eksportyny üpjün etmekde uly ähmiýeti bolmak bilen çäklenmän, eýsem, çäginden turba geçirilýän, satyn alyp satýan taraplar üçin hem uly ähmiýeti bardyr

Ýurdumyz ägirt uly tebigy we ykdysady potensiala eýedir.Geosyýasy taýdan iňňän amatly ýerleşişmek bilen söwda –ykdysady amala şayrmakda, üstaşyr ulaglary geçirmek ýaly giň mümkinçiliklere eýe bolmagy Türkmenistan Diýarymyzy has özüne çekiji ýurda öwürdi.. Tebigy gazy dünýä bazarlaryna ugratmagyň diwersifikasiýasyna ynamly ugur alan türkmen ykdysadyýetiniň uly geljeginiň bardygyu aýandyr.„Açyk gapylar“ we pragmatizm ýörelgelerine esaslanaýn daşary döwlet syýasatymyz dünýä ulgamlaryna barha işjeň gatnaşýar. Geçmişde Türkmenistandan dünýä uzaýan ýüpek ýollar alyslara uzap gidip, ençeme şäher-kentleriň, köşki-eýwanlaryň, kerwensraýlaryň, haý-haýly bazarlaryň... döremegine sebäp bolup, gaýtalanmajak türkmen halylary, ahal-teke atlary, saryja goýunlary alabaý iti bilen türkmeni dünýä meşhur eden bolsa, Türkmenistandan dünýçniň çar künjüne nur-şugla,ýylylyk paýlajak tebigy gazyny dünýä ugaratmagyň howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň ähmiýetiniň has uludygy äşgärdir.

Forum hormatly Prezidentimiziň ýangyç-energetika babatdaky syýasatyna laýyklykda baý türkmen tebigy uglewodorod serişdeleri diňe bir türkmen halkyna we sebitdäki ýurtlara däl-de, ýangyç- enerfetika babatda dünýä müşgilliklerini çözmäge hem hyzmat eder. Dünýäde barha

abraý- mertebelesi beýgelýän Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Berdimuhamedow:
-Türkmenistan uglewodorod serişdelerine örän baý ýurt. Şol baýlyklary halkymyzyň bähbidine, deňhukukly hyzmatdaşlyk esasynda dünýä halklarynyň bähbitlerine gönükdirmek üçin uly işler edildi-diýip belleýär.Munuň özi türkmeniň ynsanperwer kalbyny doly açyp görkezýändigine ýene-de bir gezek buýsanç bilen göz ýetirýärsiň.
Türkmenistan bu gün dünýäniň tebigy serişdelerine iň baý döwletleriniň biri we ýokary ykdysady ösüş potensialy bar bolan hem-de durnukly ösýän döwlet hökmünde öz myhmanlaryny we hyzmatdaşlaryny güler ýüz bilen garşy alýar. Belli iňlis kompaniýasynyň ygtybarly tassyklaýşy ýaly tebigy gaz gorlary boýunça dünýäniň ilkinji bäşliginiň hatarynda tanalýan ýurdumyz dünýä arenasynda Türkmenistan ägirt uly ykdysay potensialy bar bolan iri energetiki döwlet hökmünde ykrar edildi. Hakara we ýerli hünärmenleriň çaklamalaryna görä, ýurdumyzda 20,8 milliard tonna nebite we 24,6 trillion kub metr gazdan ybarat ätiýaçlyk uglewodorod seişdeleri bardyr.Türkmenistan dünýäde tebigy gaz gorlaryna iň baý ýurt hökmünde ykrar edildi. Ýurdumyz boýunça açylan gaz ýataklarynyň sany 150- den gowrak bolup, häzir olaryň diňe 3-den biri ulanylýandygyny, bu ugurda geljegi uly bolan wajyp işleriň öňde durýandygyny bellemek gerek.
Türkmenistan Ýangyç energetika toplumy boýunça ygtybarly hyzmatdaş hasaplanýandygy dünýäde ykrar edilen. Türkmenistan-Hytaý halkara gaz geçirijisini gurmak baradaky taslama boýunça işler kadaly alnyp barylýar we ol nesip bolsa, şu ýylyň ahryna çenli doly tamamlanar. Türkmkenistan tebigy ýangyjyny dünýä bazarlaryna alternatiw esasda ibermek syýasatyna laýyklykda Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça ,,Güdogar-Günbtar“ gaz geçirijisiniň taslamasyny düzmek we gurmak barada halkara bäsleşigiň yglan edilmegi

ýurdumyzyň tebigy gaz ibermekdäki halkara borçnamalarymyzyň birkemsiz berjaý etmekde möhüm ädim boljakdygy ikuçsyzdyr.

Birnäçe ýyldan bäri 120 göterimden artdyryp ösüş depginini gazanyp gelýän ýurdumyzyň ykdysady ýeti barada aýdylanda bolsa, ol öz ösüşüni durnukly dowam etdirýär. Şu ýylyň I çärýeginiň görkezijileri munuň hut şeýledigini ýeýeme-de bir gezek aýdyňlygy bilen görkezýär. Häzirki dünýäde maliýe-ykdysady çökgünligiň dowam edýän häzirki döwürde beýik galknyşlara beslenýän ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşlerde has kuwwatlanýandygy aýratyn guwandyrýar.

Şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda 2008-nji ýylyň degişli döwründäkä garanda,2009-njy ýylyň degişli döwründe maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleri boýunça gönükdirilen maýa goýumlary 2,1 esse artdy. Daşary söwda –ykdysady gatnaşyklarynyň dolanyşygy 76 göterim ýokarlandy, şol sanda daşary ýurtlara iberilýän harytlaryň möçberiniň getirilýän harytlardan 2,9 esse artandygyny aýratyn bellemek gerek. Ýurdumyzda tebigy gazyň çykarylyşy 105 göterime we onuň eksporty 108 göterime barabar boldy.

I çärýekde ýurdumyzda bölekleýin haryt dolanyşygy 119 göterim ösdi. Bir zada aýratyn üns bermek gerek: Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bu wagt Türkmrenistanda umumy bahasy 15 mlrd amerikan dollaryna deň bolan 1437 sany dürli maksatly binalaryň we desgalaryň gurluşygy ýokary depginde alnyp baryldy! Munuň özi, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ýokarydygyna örän ynandyryjy subutnamadyr.

Bu halkara forumynyň möhüm çözgütleri kabul edip,hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň sosial-ykdysady taýdan ösüş depginini çaltlandyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has gowulandyrmak, babatda öňde goýan wezipelerini doly amala aşyrmaga mümkinçilik berer,

Türkmenistanyň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlarynda özüniň mynasyp ornuny tapmagyna, dünýä ykdysadyýetiniň global energiýa müşgillilklerini çözmäge uly itergi berer. Magtymguly Pyragynyň:

-Özi Hatam bolup, ýene baý bolsa,

Çar tarapdan  myhman gelişin görüň-diýen  ajaýyp setirleri täze many-mazmun, täze röwüş bilen ýene-de kalbyňy gaplap alýar hem-de Türkmenisanyň baý tebigy gorlary, amatly geosyýýasy ýagdaýy birin-birin gözüň öňünde janlanyp,jomart türkmen halky, sahy türmen topragy hakyndaky ajaýyp duýgular kalbyňy eýeleýär,oý-pkirler seriňe dolýar.

2009-njy ýylyň 25-nji aprelinde geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Energiýa serişdeleriniň howpsuzlygyny üpjün etmeklige bagyşlanylyp geçirilen ýokary derejdäki Halkara Aşgabat forumynyň netijelerine ýokary baha bermek bilen,,Halkara energetika maslahaty biziň ýurdumyzyň iň täze taryhynda hem, bütindünýä möçberinde möhüm waka boldy“ diýip  diýip belledi. Hökümetiň mejlisinde  milli Liderimiziň konstruktiw hyzmatdaşlyga degişli bolan taze başlangyçlarynyň, ýurdumyzda parahatçylyk döredijі syýasatynyň dünýäniň syýasy we işewür toparlarynda uly gyzyklanma döredendigi-de kanagatlanmak bilen bellenildi.

Ýangyç energetika babatdaky bu halkara derejesindäki uly diplomatiki üstünligiň, ozaly bilen, hormatly Prezidentimiziň tutanýelri we ýadawsyz tagallalarynyň aýdyň netijesidigini turuwbaşdan nygtamak gerek.

Birleşen Milletler Guramasynyň mandatyna eýe bolnandan soň, milli Liderimiziň tabşyrmagy bilen Garaşsyz Bitarap ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda ,,Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnykly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“

atly ýokary derejedäki Halkara forumynyň geçiriljekdigi baradaky hoş habar ýyldyrym çaltlygynda ýedi yklyma ýaýran mahaly,ozaly bilen kalbymyzy gaplap alan ýakymly we buýsandyryjy ahwalat Döwlet Baştutanymyzyň hem-de beýik Galykynyşy we täze özgertmeleri başdan geçirýän Türkmenistanyň dünýäde barha artýan abraýy hakyndaky oý-hyýallar boldy. Ýurdumyzyň ýangyç-energetika ulgamynyň giň potensialy, tebigy gorlary, häzirki döwürde toplumyň durnukly ösdürilişi, ýangyç-energetka ulagamynyň ýeten derejelerin we ol belent sepgitlere daşary ýurtlar tarapyndan berilýän buýsandyryjy ýokary bahalar hakydamyzda bütin aýdyňlygy bilen täzeden janlandy. Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ykdysadyýetimiziň mizemez sütüni hasaplanylýan bu ulgam barada aýdan ajaýyp kesgitlemesi barada ýene-de bir gezek ýakymly duýgulary başdan geçirdik. Milli mliderimiz:
- Meşhur ,,Gaffneý Gline & AssoCiates“ iňlis kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan Amyderýa basseýninde geçirilen halkara auditiniň netijesi 2008-nji ýylda dünýäde iň uly wakalaryň biri boldy- diýip bellände, ýüz keren mamladyr. Gündogar Türkmenistanda Günorta Ýolöten- Osman gaz gorlarynyň açylmagy ýurdumyzy bu ugurda dünýäde ilkinji bäşligiň hatarynda çykardy. Eýsem-de bolsa, biziň tebigy gorlarymyz egsilmezdir. Hazar deňziniň heniz işlenip düzülmedik, üsti açylmadyk ýataklary örän köp. Bu günki gün tebigy gazymyz Eýrana, Russiýa we onuň üsti bilen Ýewropa ugradylýan bolsa, Türkmenistanyň,Gazagystanyň şeýle hem Russiýanyň gatnaşmagyndaky Hazarýaka gaz geçirijisiniň taslamasynyň, Häzir gurluşygy gyzgalaňly alnyp barylýan Türkmenistan-Hytaý halkara gaz geçirijisiniň geljegi örän uludyr. ,,Gündogar-Günbatar“ gaz geçirijisiniň taslamasyny düzmek we gurmak baradaky halkara bäsleşiginiň yglan edilp, ýangyç ibermekde diwersifikasiýa esaslanýan halkara

borçnamalarynyň bökdençsiz ýerine ýetirilmeginiň üpjün eddilmegi ugrunda ýokary derejede taýýarlyk görülýär.
Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2009-njy ýylyň 23-nji aprelinde Aşgabadyň Ruhuýet kögünde masahatyň açylyş dabarasynda çuň mazmunly taryhy çykyşyndan başlap, tä forumyň öz işini üstünllikli tamamlap, Aşgabat maslahatynyň başlyklygynyň Beýannamasynyň kabul edilen pursatyna çenli bu forumyň uly işjeňlik, ýokary gyzyklanma ýagdaýynda geçendigi bolsa kanunalaýyklykdyr. Halkara forumyna gatnaşyjylaryň düzümi barada oýlananyňda bolsa, maslahatyň ähmiýetine, onda garalan meseleleriň iňňän möhümdigine dünýä bileleşiginde uly orun berlendigine ýene-de bir gezek göz ýetirýärsiň.

Ruhuýet köşgünde bolup geçen Halkara maslahatynyň açylyş dabarasyna gatnaşmak bilen, bu ýerde çykyş eden BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Şa Zukandyň, ÝHHG-niň Baş sekretary Mark Perren de Brişambonyň, Energetika Hartiýasynyň Baş sekretary Andre Mernýäniň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary Hurşid Anwaryň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary Bolat Nurgaliýewiň, GDA-ny Ýerine ýetiriji komitetiniň Başlygynyň- Ýerine ýetiriji sekretarynyň orunbasary Anatoliý Dronyň çykyşlaryny üns berip diňlänimizde bolsa biz munuň şaýady bolduk. Şu ýerde BMG-niň Baş sekretarynyň adyndan çykyş eden bu dünýäde iň abraýly halkara guramasynyň ýolbaşçysynyň orunbasarynyň hormatly Prezidentimiziň çuň manyly düýpli çykyşyna ýokary bermek bilen, onda maslahatyň dowamynda ara alyp maslahalaşmalaryň esasy ugurlarynyň kesgitlenendigini, şeýle hem Türkmenistanyň BMG-niň Rezolýusiýasynyň başyny başlaýjy bolandygy üçin mertebeli myhmanyň ýurdumyzyň hökümetine hoşallyk bildirendigini aýratyn bellemek ýerliklidir. Şa Zakundyň energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi bilen baglanyşykly

meseleleriň Müňýyllygyň Ösüş Maksataryny gazanmak üçin örän zerurdygy barada aýdanlary bolsa aşgabat forumynyň işine BMG tarapyndan örän uly ähmiýet berilmeginden aýdyň nyşandyr.

Halkara maslahatynyň açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiziň çuň mazmunly çykyşynyň hemmelerde aýtaryn uly täsir galdyrandygyny belläp geçmek örzn ýakymly.Taryhy çykyşda forumda garalýan meseläniň çözülmegi boýunça ýurdumyzyň çemeleşmeleri we teklipleri barada gürüň bereninde, hormatly Prezidentimiz bu global ähmiýetli meseläniň sebitiň we dünýäniň halklarynyň millionlarçasynyň ykbalyna, abadançylygyna, bolçulygyna, parahatçylygyna gönüden-göni täsir edýändigini aýdyňlygy bilen tassyklady. Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiziň dünýä ähmiýetli halkara maslahatda Türkmenistanyň gaz ulgamynda halkara derejsinde hyzmatdaşlyk etmek arkaly halkara gaz geçirijileriniň howpsuzlygyny üpjün edip, häzirki zaman dünýäsiniň iň derwaýys meseleriniň biri bolan energetika müşgilliginiň oňyn çözülmeginiň ýollaryny gazanmak babatdaky çemeleşmeleri,teklipleri hakyndaky çuň manyly çykyşy maslahata gatnaşyjylar tarapyndan örän oňat garşylanyldy.

Milli liderimiziň taryhy sözünde ählumumy energetika ulgamynda emele gelen hakyky ýagdaýa bir meňzeş obýektiw göz ýetrilmeginiň dünýäniň energetiki potensialyny ähli adamzadyň hyzmatyna goýmak üçin täze mümkinçilikeriň döredilmegine hemaýat etmek bilen, bu babatdaky halkara hyzmatdaşlygynyň oňat netije bermegini üpjün edip biljekdigi nygtaldy.

Türkmenistana, onuň Lideine abraýly daşary ýurt wekilleriniň goýýan ýokary hormaty bizi örän buýsandyrýar. Eýsem-de bolsa, BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň ilkinji bolup Aşgabatda döredilmegi,

paýtagtymyzda Ýewropa Öýüniň açylmagy bellenilmäge mynasypdyr. Öňüni alyş Merkezi barada aýdylanda, onuň öz öňünde durýan miussiýany ýerine ýetirmekde işjeňlik görkezýändigi mälimdir. Ýakynda Gazagystanyň Almaty şäherinde geçirilen Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitine Milli Liderimiziň teklibi bilen, bu Merkeziň ýolbaşçysy Mirçanyň gatnaşandygyny-da belläp geçmek ýerlikli bolsa gerek. Pursatdan peýdalanyp, Hormatly Prezidentimiziň pragmatika ýörelgelerin esaslanýan özara bähbitli daşary ykdysady gatnaşyklarynyň dabaralanýandygyna mysal hökmünde ýakynda geçirilen Hökümetimiziň nejlisinde habar berlişi ýaly, Ýewropa parlamentiniň Ýewropa birleşigi ýurtlarynyň Türkmenistan bilen söwda aragatnaşyklary baradaky resminamanyň makullanylandygyny-da buýsanç bilen bellemek bolar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen geçirilen energetka howpsuzlygyna bagyşlanan ýokary derejedäki halkara forumynyň uly üstünilklere eýe bolandygyna tutuş halkymyz guwandy, onuň netijelerine halkara derejesinde ýokary baha berildi.Ol ýurdumyzyň dünýä derejesinde ýangyç gorlaryna iň öňdebňaryjy döwletleriň hatarynda durýandygyny ýene-de bir gezek doly tassyklap, eziz Diýarymyzyň ýangyç energetika ulgamynda örän uly geljeginiň bardygyny, hormatly Prezidentimiziň dünýäde ýangyç müşgilliklerini çözmek baradaky ynsanperwer tagallalarynyň öz ajaýyp miwelerini berýändigini, bu ynsanperwer syýasatyň dünýäde mynasyp goldaw tapýandygyny ýene-de bir gezek älem-jahana äşgär etdi.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny ösdürmek , türkmen gazyny, nebtini we nebit önümlerini dünýa bazarlaryna ugratmagyň köp ugurlylygyny üpjün etmek ugrunda uly işler durmuş geçirilýär.

Aşgabat Halakara forumynyň ygtybarly hyzmatdaşlygy ýola goýmakda, pudagy has galkyndyryp, täze derejelre çykarmakda örän uly ähmiýeti bardyr. Mili Liderimiz türkmen tebigy uglewodorod serişdelerini öz halkymyza we şol sanda, sebitdäki ýurtlara, bu babatdaky dünýä müşgilliklerini çözmäge hem hyzmat etmegi ugrunda düýpli tagallalary edýändigi bu ýerde ýene-de bir gezek dünýä jar edildi.
Hormatly Pýrezidentimiziň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda kabul edilen ,,Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnykly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly Rezolýusiýa laýyklykda Milli Liderimimiziň tabşyrmagy bilen Aşgabatda adybir ýokary derejedäki halkara forumynyň uly üstünlik bilen tamalanmagynyň dünýä jemgyýetçiliginde hem uly makullama tapandygy bizi diýseň buýsandyrydy.
Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiziň çuň mazmunly çykyşynda ,,Global gatnaşyklaryň ulgamynda belli bir tertibi emele getirýän meseleleriň giňişleýin toplumy ýüze çykýar, bular dünýä bileleşiginden olary çözmegiň syýasy-hukuk taýdan oňaýly usullarynyň işlenilip taýýarlanylmagyny talap edýär“ diýip ýaňlanan parasatly pikiriniň we beýleki teklipleridir çemeleşmeleriň maslahatda giň goldawa eýe bolandygyny, onuň öz işini üstünlikli tamamlan Halkara forumynyň ýobaşçylygynyň bu ugrdaky mundan beýläkki hyzmatdaşlygyň ýollary barada garaýyşlary beýan edýän Beýannamasynda hem öz mynasyp ornuny tapandygyny nygtap geçmek örän wajypdyr. Aşgabat maslahatynyň başyklygynyň Beýannamasynda ,, Halkara maslahaty energetika serişdelerini ulanmak, hususan-da energiýa serişdelerini öndürmek, üstaşyr geçirmek we sarp etmek boýunça halkara derejsinde giňden hyzmatdaşlyk etmek boýunça halkara derejesinde giňden

hyzmatdaşlyk etmek üçin hukuk giňişligini döretmek prosesine badalga berdi“ diýlip bellenildi.

Ýokary derejedäki Aşgabat forumy uly üstünlik bilen tamalanyp, dünýäniň iň meşhur köpçülileýin habar beriş serişdelri „Türkmenistan, Aşgabat, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow“ diýen biziň üçin ýakymly we mukaddes sözler dünýäniň ýüz millionlarça adamlarynyň dilinde abadançylygyň, bolçulygyň, parahatçylygyň, ynsanperwerligiň ýarany hökmünde ýaňlandy.

Dünýä ähmiýetli döwrebap çözgüdiň kabul edilmegi biziň hemmämizde ,ata Watanymyza, Milli Liderimize bolan söýgi-hormatymyzy öňküdenem artdyrdy. Milli Lidermiziň ýolbaşçylygynda gazanylan bu ajýyp diplomatik ýeňşiň türkmeniň topragynyň gadymky şöhratynyň gaýtadan dikeldilýändiginden ajaýyp nyşan booldy.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen geçirilen we türkmen ykdysadyýetiniň barha pugtalanmagy, sebit hem-de dünýä halklarynyň rowaçlygynyň hatyrasyna gönükdirilen ajaýyp çözgütlerini kabul eden Aşgabat halkara forumy dünýä ýangyç-energetika müşgilliginiň öňüni almak boýunça halkara derejesindäki hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň aýdyň ugurlaryny kesgitlemekde iňňän möhüm waka hökmünde taryhda öçmejek yz galdyrar.

Döwletbaştutanymyzyň ýurtda amala aşyrýan ykdysady özgertmeleri netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda durnukly ösüşleriň durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň barha pugtlanýandygy, halkymyzyň durmuş ýaşaýyş- derejesiniň gowulanýandy häzir äşgär duýulýar.

Ýokary drejedäki halkkara forumynyň möhüm çözgütleri kabul edip,hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň sosial-ykdysady taýdan ösüş depginini tizleşdirmek ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has gowulandyrmak, babatda öňde

goýan wezipelerini doly amala aşyrmaga mümkinçilik berer, Türkmenistanyň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlarynda özüniň mynasyp ornuny tapmagyna, dünýä ykdysadyýetiniň global energiýa müşgillilklerini çözmäge uly itergi berer. Hormatly Prezidentimiziň zehin-yhlasyndan hasyl bolan täze diplomatik ýeňşimiziň şöhraty bolsa dünýä taryhynyň öçmejek sahypalaryna zer harplar bilen ýazylyp, ýyllardan ýyllara uzap gidip, türkmeniň şöhratyny dünýä ýaýar.

Şu pursatda hormatly Prezidentimiziň ,,Mertler Watany-Watan bolsa mertleri beýgeldýändir" diýen ganatly sözleri hakydada janlanýar. Bu sözler il-günüňe, eziz Diaýryňa ak ýürekden hyzmat edip, ata Watany beýgeltmegiň nusgasy bolan milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hut özüne gönüden-göni degiişidir!

## Türkmen gazy dünýä ýylylyk paýlaýar

### Ýangyç serişdeleriniň dünýä bazaryna üstaşyr geçirilmeginiň durnukly üpjün edilmegi hakynda

Dünýäde tebigy gorlara iň baý ýurtlaryň biri bolan Türkmenistanyň barha döwrebaplaşdyrylýan nebitgaz ulgamynyň ynamly ösüş ýolundadygy ildeşlerimizde uly ruhubelentlik döredýär.Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde möhüm orun eýeýleýän bu pudagy ösdürmek , türkmen gazyny, nebitini we nebit önümlerini dünýa bazarlaryna ugratmagy amala aşyrmak ugrunda düýpli we tutanýelri tagallalaryň edilýändigi bolsa aýratyn guwandyryjydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyryp ösdürmek syýasatynda tebigy serişdeleri

dünýä bazarlaryna ugratmagyň diwersifikasiýasyna uly orun berilýär. Döwlet Baştutanymyz

-Ýangyç-energetika ulgamynda özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy Türkmeinistanyň daşary syýasy doktrinasynyň möhüm ugry bolup durýar-diýip bellemek bilen, bu wajyp ugurda öňde durýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak boýunça anyk çäreleri amala aşyrmagy, hususan-da, häzirki zaman gaztransport infrastrukturasyny döretmek, bar bolan ulgamy döwrebaplaşdyrmak, şeýle-de täzelerini gurmak hakynda degişli ýolbaşçylara tabşyryk bermegi,

„Gündogar-Günbatar" gaz-geçirijisi ýurdumyzyň çäginde gazyň netijeli hereketini üpjün edýän ýerüsti infrastrukturany hem döretmek bilen, türkmen tebigy gazynyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, şeýle hem türkmen energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna çykarmagyň ygtybarly we durnykly ulgamyny döretmek ugrundaky ynamly ädim bolup durýar. Munuň özi ýurdumyzyň örän uly tebigy baýlyklaryny, geosyýasy taýdan amatly ýagdaýyny, ykdysady mümkinçiliklerini diňe bir türkmen halkynyň abadançylygynyň hatyrasyna däl-de, sebitiň, tutuş adamzadyň bähbitlerine has doly derejede peýdalanylmagyna gönükdürilen parasatly, uzakdan görüjilikli syýasatdyr.

Türkmenistanyň tebigy gaz gorlaryna örän baýdygyna, halkara transmilli gaz geçirijiler taslamalaryny ýeterlik möçberlerde tebigy gaz bilen üpjün etmäge ähli mümkinçilikleriniň bardygyna ähli hyzmatdaşlarymyz bu gün aýdyň göz ýetirýärler.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň strategiki önümlerimiziň, şol sanda nebitgaz ulgamynyň harytlarynyň hem marketingini, mahabatlama çärelerini has kämilleşdirmek we giňeltmek barada öňde goýýan wezipelerini durmuşa geçirmek bilen, bu ugurda ähmiýetli işleriň geçirilýändigini-de bellemek gerek.Ýeri gelende, hormatly Prezidentimiziň

görkezmesi bilen ýurdumyzyň Hökümetiniň howandarlygynda Angliýada geçirilen „Türkmenistanyň nebiti we gazy -2008“ atly konferensiýanyň, şeýle hem geçen ýylyň 9-njy sentýabrynda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde bolup geçen „Azerbaýjanyň we Türkmenistanyň nebit we gaz mümkinçilikleri: energetika, ykdysadyýet, ekologiýa. Hyzmatdaşlygyň baş ugry“ atly bilelikdäki sergi we konferensiýa hem ýurdumyzyň ýangyç -energetiki mümkinçilikleriniň ummasyzdygy barada tanyşdyrmakda, şonuň bilen bir hatarda daşary ýurt kompaniýalary bilen bu ugurdaky hyzmatdaşlygy ýola goýmakda ähmiýetli bolandygyny bellemek bolar. Şeýle maksatly çäreleri paýtagtymyzdaky Sergi köşgünde geçirip durmak hem däbe öwrüldi.

Ýurdumyzyň ýangyç–energetika toplumynyň bar bolan ygtybarly potensialynyň „Türkmenistanyň Nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasynda” nebit bilen gaz kondensatynyň çykarylyşyny 110 mln. tonna, tebigy gazyň çykarylyşyny bolsa 250 mlrd. kubmetre ýetirmek barada öňde goýlan wezipeleri doly berjaý etmekligi üpjün etjekdigine hiç hili şübhelenmese bolar.

Türkmenistanyň çaklanylýan tebigy ätiýaçlyk gaz gorlarynyň möçberi örän uludyr, ýagny, türkmen hem-de daşary ýurt hünärmenleriniň tassyklamaklaryna görä, uglewodwrod serişdeleriniň başlangyç möçberi şertli 45,44 milliard tonna barabardyr. Türkmenistan ýangyç-energetika babatda gurply döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiliginde barha uly gyzyklanma döredýändigi guwandyrýar. Bu „Gaffneý Gline & AssoCiates“ kompaniýasy tarapyndan Amyderýanyň basseýninde geçirilen audit barlaglarynyň netijelerinden soň has-da aýdyň ýüze çykdy. Daşary ýurtlardan gelýän ýokary derejedäki resmi adamlaryň, bu ugurda iş alyp barýan işewürler

toparlarynyň Türkmenistanyň Nebitgaz senagaty we mineral serideler ministrligine, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentlilerinde ýygy-ýygydan bolup, özara hyzmatdaşlyk babatda gepleşikleri geçirýänligi-de muňa mysaldyr.

Ýurdumyzda nebitiň hem gazyň ägirt uly gorlarynyň bolmagy, onuň geografiýa taýdan amatly ýerde ýerleşmegi uglewodorod serişdeleriniň dünýä bazarlarynda ynamly syýasat alyp barmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistan- Hytaý transmilli gaz geçirijisi, „Türkmenistan-Eýran“, Hazarýaka halkara gaz geçirijisi, Hazarüsti gaz geçirijisi, Türkmenistan – Owganystan-Päkistan-Hindistan halkara gaz geçirijisi bu günki gün türkmen tebigy gazyny daşary ýurtlara ibermek boýunça göz öňünde tutulýan möhüm taslamalardyr.

Türkmenistan- Hytaý gaz geçirijisi ykdysadyýetimizi has-da güýçli depginde ösdürmäge uly ýardam eder. Mälim bolşy ýaly, 2007–nji ýylyň iýul aýynda Hytaýda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we HHR-iň Başlygy Hu Szintao tarapyndan „Dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak we ösdürmek hakynda’’Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky Bilelikdäki Jarnama gol çekildi. 2008-nji ýylyň tomsunda bolsa Hormatly Prezidentimiziň Lebap welaýatyna iş sapary mahalynda dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çeken asyrlara ýaň saljak ajaýyp waka bolup geçdi, ýagny, Döwletbaştutanymyz Amyderýanyň sag kenaryndaky„Bagtyýarlyk” iri gaz konedensatly ýatagyň çäginden Türkmenistan- Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygyna ak pata berdi.Milli Liderimiziň 2007-nji ýylda HHR-de bolanynda, 2009-njy ýylyň ahyryna çenli Türkmenistan- Hytaý gaz geçirijiniň gurluşygynyň tamamlanyp, ozal meýilleşdirilen 30 mlrd.kub metr gaza derek,

her ýylda 40 mlrd. kub metr tebigy gaz ugratmaga mümkinçilik boljakdygyny belländigini ýatlap geçmek hem ýerliklidir. Bilşimiz ýaly, häzirki wagtda Hytaý Halk Respublikasyna ilkinji milliard kub metr türkemn gazy bardy we mundan beýläk Türkmenistandan Hytaýa import edilýän gazyň möçberini has-da atrdyrmak baradaky meselä garalýar.

Dört döwletiň çäçinden geçip 7 müň kilometre golaý uzalyp gidýän bu taryhy desganyň gurluşygynyň 188 kilometri Türkmenistanyň, 530 kilometri Özbegistanyň ,1300 kilometri Gazagystanyň we 4500 kilometri bolsa Hytaý Halk Respublikasynyň çäklerine degişidigi hem bellenilmegine mynasypdyr.

Hormatly Prezidentimiziň tutanýerli tagallalary netijesinde bu halkara ähmiýetli asyryň desgasy baradaky iňňän uly möçberli taslamanyň durmuşa geçirilmegi ugrunda biziň ýurdumyzda hem tutanýerli iş alnyp barylýar. ,,Türkmengaz” döwlet konserniniň buýurmasy boýunça Russiýanyň ,,Stroýtransgaz” kompaniýasy ,,Malaý-Bagtyýarlyk” gaz geçirisiniň 40 kilometrden gowragyny gurdy we onuň gurluşygyny şu ýylyň ahyryna çenli tamamlamak göz öňünde tutulýar. Bu taryhy desga türkmen halkynyň durmuşyny öňküden-de gowulandyrmak bilen bir hatarda, türkmen- hytaý dostlugynyň has-da pugtalanmagyna, şeýle hem gaz geçiriji çäginden geçýän ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüşine hem mazaly itergi berer.

Ozal metbugatda habar berlişi ýaly, Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda häzirki wagtda Russiýa Federasiýasy öňde baryjy örny eýeleýär.Russiýa Federasiýasy bilen geçen ýylda 2006-njy ýyldaka garanda, özara söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň möçberi 42,4 göterim artdy .

Döwletara ykykdysady gatnaşyklarynda ýangyç-energetika ulgamyna uly orun degişlidir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasy ýangyç energetika ulgamynda

Merkezi Aziýa- Merkez gaz geçirijisi arkaly türkmen gazyny ugratmak, şol ulgamy döwrebaplaşdyrmak, Hazarýaka halkara gaz geçirijisiniň gurluşygy baradaky taslamanyň durmuşa geçirilmegi babatda özara bähbitli hyzmatdaşlyk edýär.

Döwletbaştutanymyzyň uly tagallalary netijesinde kabul edilen Hazarýaka gaz geçirijisiniň halkara taslamasynyň durmuşa geçirilmegi Ýewropa bazarlaryny tebigy gaz bilen üpjün etmekde uly ähmiýete eýe bolar. Bu asyryň taslamasy hem oňa gatnaşýan döwletleriň ykdysadyýetiniň ösüş derejelerine düýpli täsir eder. Ozal bar bolan gaz geçirijisiniň durkunyň täzelenmegi hem-de Hazarýaka gaz geçiriji magistralynyň gurluşygynyň amala aşyrylmagy Ýewropa ugradyljak tebigy gazyň ýyllyk möçberini 25-milliarddan 30 milliard kub metre ýetirmek üçin şert döreder.Şeýle-de türkmen tebigy gazyny dünýä bazarlaryna ugratmak boýunça beýleki wajyp taslamalaryň hem örän uly ähmiýeti bolar diýlip hasap edilýär.

Bu günki gün ýangyç-energetiki üpjünçilik meselesiniň tutuş dünýäde iňňän ýiti durýandygy, bu ugurdaky harytlara bolan islegiň barha artýandygy onuň diňe bir ykdysady mesele bolmak bilen çäklenmän, eýsem syýasy mesele bolup hem durýandygy ykrar edilen hakykatdyr. Hut şonuň üçin-de milli Liderimiziň taransmilli turbageçirijiler infrastrukturasynyň howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky iňňän derwaýys meseläniň öňyn çözgüdiniň tapylmagy ugrunda alyp barýan ýadawsyz tagallalary dünýäde giň goldawa eýe bolýar. Milli liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şu 2008-nji ýylyň mart aýynyň 24-25-ne Moskwada döwlet saparynda bolan mahaly RF-nyň Prezidenti D. Medwedew bilen ýokary derejedäki duşuşynyň barşynda strategik ýangyç-energetika ulgamyna degişli gepleşikler geçirip, Türkmenistan tarapyndan energiýa çig malyny dünýä bazarlaryna üstaşyr geçirmegiň howpsuzlygy baradaky mesele boýunça giň halkara hyzmatdaşlygyna

başlamak baradaky teklibiň Birleşen Milletler Guramasyna girizilendigi kanagatlanmak bilen bellenildi.

Mälim bolşy ýaly, Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji mejlisinde „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnykly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly Rezolýusiýanyň kabul edilmegini BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň Hemişelik agzalary bolan Russiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, Hytaý, Fransiýa ýaly kuwwatly döwletler tarapyndan ruruwbaşdan goldanylandygyny aýratyn bellemek gerek. Çünki häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi, esasan, energiýa serişdeleri bilen üpjünçilige baglydygy jedelsizdir. „Türkmenistan+57“ ady bilen uly meşhurlyga eýe bolan bu möhüm resminama dünýäde barha uly gyzyklanama döredýär Milli Liderimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2008-nji ýuluň 15-nji ýanwaryndaky mejlisinde:

-BMG-niň Baş Assambleýasynyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnykly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly Rezolýusiaýny kabul etmegi halkara bileleşigininiň energiýa serişdelerini ygtybarly daşalmagyna ýokary derejede gyzyklanýandygyny we halkara hukugynyň umumylykda kabul edilen kadalaryna daýanyp, bu ugurda tagallalary birleşdirmäge taýýardygyny görkezdi- diýip belledi.

Döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy boýunça geçiriljek we bu babatda ýörite halkara Konwensiýasynyň kabul edilmegine itergi berjek halkara forumyny geçirmäge ykjam taýýarlyk göryldi. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen Aşgabatda geçirilen halkara forumy türkmen tebigy

gazyny dünýä bazarlaryna ygtybarly ugratmak, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlandyrmakda , halkara turba geçirijileriniň infrastrukturasynyň howpsuzlygyny üpjün edilmegini gazanmakda möhüm ädim boldy. Ol halkara forumy arkaly global energiýa müşgillileriniň oňyn çözülmegi ugrunda uly tagalallary edýän Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň azaby ýerine gowuşdy. Dünýä ýangyç-energetika ulgamynda özüniň münasyp ornuny eýeleýän Türkmenistanyň tebigy gazy, nesip bolsa, dünýä halklarynyň ojaklaryna ýylylyk paýlar, ýangyç-energetika babatdaky müşgillikleri ýeňip geçmäge uly ýardam eder.

## Gündogar-Günbatar" gaz geçirijisi-Altyn Asyryň altyn gulușygy

***Täze badalga beriljek bitewi gaz geçiriji ulgam ýurdumyzyň iri gaz ýataklaryny bir halka birikdirer!***

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň:
-Biz ösüş ýolunda öž öňümizde anyk maksady goýduk we şol maksada ýetmek üçin dogry ýol bilen gyşarnyksyz öňe barýandygymyza hem-de netijede üstünlik gazanjakdygymyza doly ynanýaryn- diýen dana sözleri biziň ählimizde uly ruhubelentlik döredýär.
Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan häzir asyryň ýene-de bir iri taslamasynyň durmuşa geçirilmegine badalga berilmeginiň taryhy pursatlaryny başdan geçirýär.
Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 28-nji maýda geçirilen mejlisinde milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow iýun aýynyň başynda "Gündogar-Günbatar" gaz geçirijisiniň düýbüniň tutuljakdygy barada habar berdi.

Bu günki gün hormatly Prezidentimiz tarapyndan bu iri maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine ak pata berilmegi- onuň ilkinji turbalarynyň kebşirleýiş dabaralarynyň geçirilmegi ýurdumyzyň bedew bady bilýen ösýän ykdysadyýetniň galkynyşyndaky täze bir ajaýyp sahypany açýar.
Dünýäde tebigy gorlara iň baý ýurtlaryň biri bolan eziz Diýarymyzyň barha döwrebaplaşdyrylýan nebitgaz pudagynyň ösüşi dünýä derejesinde ykrar edilendir. Ykdysadyýetimizde wajyp orun eýeýleýän bu pudagy ösdürmek bilen, gaz, nebit we nebit önümlerini dünýa bazarlaryna çykarmak ugrunda tutanýelri aladal edilýär. Döwlet Baştutanymyz:

-Ýangyç-energetika ulgamynda özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy Türkmeinistanyň daşary syýasy doktrinasynyň möhüm ugry bolup durýar-diýip bellemek bilen, bu wajyp ugurda öňde durýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak boýunça anyk çäreleri amala aşyrmagy, hususan-da, häzirki zaman gaztransport infrastrukturasyny döretmek, bar bolan ulgamy döwrebaplaşdyrmak, şeýle-de täzelerini gurmak ugrunda tagalllary etmegi, ,,Gündogar-Günbatar” gazgeçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek hakynda çözgüt kabul etmeginiň diňe bir bu ulgamyň däl-de, tutuş ykdysady ösüşlerimize hem uly täsir etjekdigini nygtamak gerek. Ol gazyň talabalaýyk hereketini üpjün edýän infrastrukturany hem döretmek bilen, türkmen tebigy gazynyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, şeýle hem türkmen energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna çykarmagyň ygtybarly we durnykly ulgamyny döretmek ugrundaky ynamly ädimdir. Ol ýurdumyzyň iňňän uly tebigy baýlyklaryny, geosyýasy taýdan amatly ýagdaýyny, ykdysady mümkinçiliklerini diňe bir türkmen halkynyň abadançylygynyň hatyrasyna däl-de, sebitiň, tutuş adamzadyň bähbitlerine hem has doly derejede peýdalanylmagyny üpjün etmäge gönükdürilen parasatly, uzakdan görüjilikli syýasatdyr.

Türkmenistanyň tebigy gaz gorlaryna örän baýdygyna, halkara transmilli gaz geçirijiler taslamalaryny ýeterlik möçberlerde tebigy gaz bilen üpjün etmäge ähli mümkinçilikleriniň bardygyna ähli hyzmatdaşlarymyz bu gün aýdyň göz etirýärler.

Hemmelere mälim bolşy ýaly, täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamy özüniň iňňän iri taslamalaryň ynamly durmuşa geçirilýänligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Eziz ýurdumyzyň bu ugurdaky tutumly işleriniň hatarynda Türkmenistan–Özbegistan-Gazagystan-Hytaý transmilli gaz geçirijisini, „ Türkmen-Eýran“ gaz geçirijisini, giň gerimler bilen gurluşygy alnyp barylýan „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyny, ulanylmaga berlen Atamyart–Kerkiçi demirýol köprüsini, Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen halkara demirýol geçelgesiniň gurluşygyny, „ Altyn Asyr“ Türkmen kölüni we başga iri desgalary görkezmek bolar. „Demirgazyk-Günorta” demirýol geçelgesiniň uly geljegine umyt baglanylýar.

Ata Watanymyzyň Beýik Taňrynyň nazar salan asty hem , üsti hem altyn mukaddes topragynda ýurdymyzy ýokary derejede ösdürmek üçin ähli mümkinçilikeriň bardygy guwandyrýar.

„Gaffneý Gline & AssoCiates“ iňlis kompaniýasy tarapyndan Amyderýa basseýninde geçirilen halkara auditiniň netijesi - Gündogar Türkmenistanda Günorta Ýolöten- Osman gaz gorlarynyň açylmagy ýurdumyzy bu ugurda dünýäde öňdäki orunlara çykardy.

Hazar deňziniň heniz işlenip düzülmedik, üsti açylmadyk ýataklary örän köpdügini ýtlap geçnek ýerliklidir. Häzirki wagtda türkmen mawy ýangyjy Eýran Ysalm Respublikasyna, Russiýa federasiýasyna, we onuň üsti bilen Ýewropa ugradylýar. Türkmenistanyň, Gazagystanyň şeýle hem Russiýanyň gatnaşmagyndaky Hazarýaka gaz geçirijisiniň taslamasy derwaýys ykdysady ähmiýetli maksatnama

hasaplanylýar. Türkmenistan-Hytaý halkara gaz geçirijisi özüni ňajaýyp miwesini berýär. Bu barada mähriban Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasynda ýakynda resmi saparda bolanynda hem kanagtlanmak bilen belledi. ,,Gündogar-Günbatar“ gaz geçirijisiniň taslamasynyň durmuşa geçirilmeginiň bolsa, ýangyç ibermekde diwersifikasiýa esaslanýan halkara borçnamalarynyň bökdençsiz ýerine ýetirilmeginiň üpjün eddilmeginde hem uly ähmiýetiniň boljakdygyny nygtamak gerek.

Ýurdumyzyň günorta-gündogaryndaky ummasyz köp mukdarlarda gorlary bolan gaz ýataklaryndan ekologik taýdan arassa bu gymmatly ýangyjy çykaryp, alyp, dürli senagat pudaklarynyň we elektrik energiýasynyň öndürilýän ulgamlaryň guruljak ýerlerine ugratmak, elbetde, Türkmenistanyň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyna hem uly itergi berer. Türkmenistanyň, aýratyn-da Balkan welaýatynyň elektrik energiýasy babatdaky talaplaryny kanagatlandyrmak üçin tebigy gazyň goşmaça möçberleriniň zerurdygy, şeýle-de energetika pudagyny mundan beýläk has güýçli depginler bilen ösdürmek boýunça maksatnamalaryň üstünlikli berjaý edilmegi üçin zerur çäreleriň amala aşyrylmalydygy barada Ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hem durulyp geçildi.

Bu uzak möhletleýin maksatnama laýyklykda energiýa serişdeleriniň, ýagny ýanyjy gazyň, suwuklandyrylan gazyň, elektrik energiýasynyň uly möçberleriniň eksporta iberilmegi hem göz öňünde tutulýanlygyny hem nazara alsak, onda “Gündogar-Günbatar” gaz geçirijiniň ähmiýeti has-da artýandygyna aýdyň göz ýetirmek mümkin.

Eýsem-de bollsa, biziň gürrüňini edýän bu möhüm taslamamayzyň- uzynlygy 800-1000 kilometr boljak ,,Gündogar-Günbatar“ gaz geçirijisiniň wajyp aýraryn tarapy, onuň Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, öz güýjümiz, ýagny,

ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň güýji bilen durmuşa geçirilmeginiň göz öňünde tutulýanlygydyr. Bu işe abraý bilen hötde gelmäge doly mümkinçiliklerimiziň bardygyny bolsa, Türkmen-Eýran gaz geçirijisiniň ikinji şahasynyň türkmen böleginiň öz güýjümiz bilen ýerine ýetirilmegi-de subut edipdi.

Bilşimiz ýaly, Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýakynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Mejlisinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň mundan beýläk-de bedew bady bilen öňe gitmegine degişli köp sanly meselelere garaldy.Şol sanda Türkmenistanyň hojalyk pudaklarynyň dürli ugurlarynyň ösdürilmegine dahylly köptaraplaýyn meseleleri özünde jemleýän taslamalara, meýilnamalara aýratyn üns berildi.

2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguz şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda kabul edilen “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy” muňa aýdyň mysaldyr. Hormatly Prezidentimiz Daşoguzda geçirilen Ýaşulularyň maslahatynda sözlän taryhy sözünde “Maýa goýumly we sosial ugra gönükdirilip amala aşyrylýan taslamalaryň möhüm ähmiýetleriniň bardygyny-aýratyn belläp, milli ykdysadyýeti ösdürmek boýunça bu Maksatnamada göz öňünde tutulan ýokary görkezijileri doly möçberde ýerine ýetirmek üçin eýýäm şu günlerden tutanýerli işläp başlamalydygyny” nygtady. Ýokary bellenilen Milli maksatnamanyň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine, ilatyň işe ýaramly böleginiň iş üpjünçiliginiň halkyň durmuş-ykdysady şertleriniň oňatlaşmagyna uly itergi berjekdigi aýdyň görünýärr.

Şonuň üçin hem Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň maý aýynyň 21-inde geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ata Watanymyzda geljekde köp sanly, dürli ugurly zawod, fabrikleriň we beýleki halk-hojalyk ulgamlarynyň guruljakdygyna, Hazar kenaryndaky “Awaza” milli

syýahatçylyk zolagynda dynç almaga, syýahatçylyga we dürli medeni, hojalyk maksatlara hyzmat etjek desgalaryň gurulýandygyna görä biziň energiýa baýlyklarymyzyň peýdalanylyşyny mundan beýläk-de has kämilleşdirmelidigimize ünsi çekdi. Gurulan we guruljak senagat kärhanalarynyň, halk-hojalyk desgalarynyň öňjeýli hem-de durnukly işlemekleri-önüm öndürmekde, halka hyzmat etmekde bökdençsizligi üpjün etmek maksady bilen, “Gündogar-Günbatar” gaz geçirijiniň zerurulugynyň ýüze çykanlygyny göz öňünde tutup, Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň şol mejlisinde gaz geçirijiniň gurulmagy baradaky Karara gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiziň kabul eden döwletli kararyna laýyklykda, milli Liderimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlarynyň biri bolan bu uly ähmiýetli taslamanyň
amala aşyrylmagyna şu ýylyň iýun aýynda girişiler.

Bu uly taslama Mary welaýatynyň çäklerinde Şatlyk şäherçesiniň sebitlerinde uly gaz toplaýjy we ilkinji arassalaýjy (guradyjy) merkezden gözbaş alar. Ahal welaýatymyzyň gündogaryndan günbataryna kesip geçip, Balkan welaýatynyň merkezi şäheri Balkanabat we Balkan daglaryndan günbatarda ýerleşýän Belek şäherçesine baryp tamamlanar. Kararda göz öňünde tutulan taslama laýyklykda, gaz geçirijiniň gurulyp gutarylanynda onuň kuwwatlylygy her ýylda 30 (otuz) milliard metr kub ýangyjy geçirmäge ukyply bolar.

Türkmenistanyň çäklerinde ýene-de bäş ýyl töweregi wagtdan gurluşygy tamalanylyp, ulanylmaga berlip,XXI asyryň iri desgalarynyň biri boljak bu gaz geçirijisi, ata Watanymyzyň gymmatly ýangyç-energiýa we himiki çig mal baýlyklarynyň bir bitewi döredijilik dürli halk hojalyk desgalaryny ýangyç, elektrik energiyasy bilen üpjün etmek köp mukdarda zähmet çekmäge ýaramly adamlaryň iş bilen üpjün bolmagyna ýardam etmek bilen çäklenmän, Peslik Garagumyň we beýleki

sebitlerimiziň çäklerindäki ýangyç gorlarymyzdan çykaryljak baýlyklarymyzy hem özüne goşup almaga ukyply bir bitewi halka döretmäge-de hyzmat eder.

Hormatly Prezidentimiziň “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” diýip atlandyrylan Galkynyşlar we täze özgertmeler eýýamynyň ylmy taglymat esasynyň düýp özenini özünde jemleýän iiňän uly ähmiýetli konseptual makalasyndaky ,,Biziň ýurdumyz öz halkynyň gujur-gaýratyna we ruhubelentligine daýanyp, ertekileriň gahrymany äpet pälwanlar ýaly, päsgelçilikeri we kynçylyklary çalt ýeňip geçýär”diýen sözlerini ýatlamak buýsanç duýgusyny döredýär. Eýsem-de bolsa, öz güýjümiz bilen amala aşyrylmagy meýilleşdirilýän Gündogar-Günbatar gaz geçirijisiniň maksatnamasynyň-da şeýle üstünlikleriň biri boljakdygyna tüýs ýürekden ynanýarys.

Mähriban Prezidentimiziň ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda, hususan-da durmuş-ykdysady, maliýe ulgamlarynda halkymyza daýanyp we halkyň hatyrasyna üstünlikli durmuşa geçirýän möhüm reformalary esasynda gazanylýan ýokary depginli ösüşi halkara derejesinde ykrar edilen ykdysady kuwwatymyz milli Liderimiziň täze başlangyçlary babatda hem hut şeýe boljakdygyny ynamly tassyklamaga ähli mümkinçilikleri berýär.

Türkmenistanyň Ýaşulularynyň ýakynda Daşoguzda geçirilen Maslahatynda kabul edilen “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň” mundan beýläkki beýik tutmlarymyzyň badalgasy boljakdygyna hiç hili şübhe ýokdur!

Hawa, Türkmen halkynyň ykbalyna dahylly çözgütleriň, ýollaryň, ýörelgeleriň bir-birlerine baglanyşyklylykdaky utgaşyklylyklarynyň ylmy taglymat esasly beýany berilýän Biziň ýurdumyzda islendik hojalyk pudagynyň ösdürilmegine dahylly meselelere garalsa, onuň öz ilimiziň millilik

medeniýetine laýyklygynyň, taryhy ösüşimizdäki ata-baba ýollarymyza ugurdaşlygynyň, ýerli tebigy şetlere, hadysalara çaprazlaýyn däl-de utgaşyklylygynyň gazanylmagy baş wezipe edilip goýulýar. Milli maksatnamada bellenilenleriň ygtybarly amala aşyrylmagy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini täze hil derejesine çykarar. Ol ýurdumyzda häzirki zaman ykobasenagat infrastukturasyny döretmekligi, netjede bolsa, hormatly Prezidentimiziň obany düýpli galkyndyrmak babatda öňde goýýan belent wezipeleriniň durmuşa geçirilmegi ugrundaky uly öňegidişlik bolar.Nesip bolsa, ,,Gündogar-Günbatar“ gaz geçirjisi hem halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekde ösen dysadyýetimizde mynasyp orun eýelär

## Halkara ykrarmamasy

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda geçirilýän Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde eziz ýurdumyzyň beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynda durmuşyň ähli ugurlary, hususan-da, ykdysadyýet babatda gazanylýan ýokary netijeler baradaky ýakymly habarlary eşedip durulmagynyň bizde indi ajaýyp däbe öwrülendigi diýseň buýsandyrýar. Hökümetimiziň 2008-nji ýylyň 15-nji awgustda geçirilen mejllisinde hem şeýle hoş habarlar halka ýetirildi.

Mejlisde häzirki döwlet syýasatynyň ilkinji nobatdaky meselelerine, ýurdumyzyň sosial-ykdysady we medeni ösüşini tizleşdirilmegine gönükdirilen möhüm taslamalaryň we maksanamalaryň durmuşyna geçirilişiniň barşyna garamagyň barşynda dünýäniň iri maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygyň anyk netijeleri barada, şol sanda, Haklara pul gaznasynyň Ýerine ýetiiji direktorlarynyň geňeşiniň mejlisinde şol gazanananyň wekilleriniň biziň ýurdumyza bolan iş saparynyň jemleri babatdaky hasabatyny makullandygy barada hem habar berildi. Hasabatda ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady we

maliýe reformalaryna , şeýle hem global çökgünliginiň milli ykdysadyýetimize täsirini peseltmek maksady bilen görülýän çärelere ýokary baha mynasyp boldy. Gaznanyň ekspertleri ýurdumyzyň ýokary ykdysady görkezijileri gazanýandygyny nygtamak bilen , Türkmenistanyň mundan beýlägem gyşarnyksyz ösjekdigi bellediller.Ýurdumyzyň maýa goýmak üçin amatly ýurt hökmünde çaklamalary öňe sürdüler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurtda alyp barýan maliýe-ykdysady özgermelerine dünýä derejesindäki abraýly bilermenleri tarapyndan şeýle ýokary berilmegi, ýurdumyzyň mundan beýläkki belent depginli ösüşleri babatdaky potensialy babatda şeýle buýsandyryjy çaklamalaryň aýdylmagy, milli Liderimiziň, galkynyşlara beslenýän ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýyny has-da pugtalandyrýandygyny ynamly aýtmak bolar. „Döwlet adam çindir!“ diýen syýasaty gyşarnyksyz alyp barýan hormatly Prezidentimiziň Hökümetimiziň mejlisinde :

-Ýurdumyzda amala aşyrylýan ähli özgerişlikleriň esasy maksadynyň onuň abadabçylygyny berkitmekden, türkmen halkynyň durmuş-ýaşaýyş derjesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr- diýip bellemgi döwletimizde bu ynsanperwer syýasatyň yzygiderli dowam etdiriljekdigini ýene-de bir gezek subut etdi. Döwlet Baştutanymyzyň aýratyn belläp geçişi ýaly, Halkara pul gaznasynyň wekilleriniň hasabaty Türkmenistanyň seçip alan ýolunyň dürsdüdini aýdyň subut edýär.Gazanylýan üstünlikler bütin dünýä äşgärdir, we bu ýol dünýäniň çalt depginler blen ösýän ýurtlarynyň arasynda döwletmizň öň hatarda bolmagyny üpjün edýär.

Ýurduň maliýe-ykdyady görkezijileri we ösüşleri, maýa goýum syýasaty, ykdysadyýetimiziň durnukly ösüi we geçirlýän maliýe özgertmeler özüniň netijelerini berýär.

Ýurduň maliýe-ykdysady görkezijileri we ösüşleri, maýa goýum syýasaty, ykdysadyýetimiziň durnukly ösüi we geçirlýän maliýe özgertmeler özüniň netijelerini berýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynda ýurdumyzyň maliýe-ykdysady toplumynyň hem-de halkara maliýe guramalaynyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen maslahatynda maliýe-ykdysady görkezijileri we ösüşleri, maýa goýum syýasaty, ykdysadyýetimiziň durnukly ösüi we geçirlýän maliýe özgertmeler netijelerini berýändigi barada giňşleýin gürrüň edldi.

Ýurduň maliýe-ykdyady görkezijileri we ösüşleri, maýa goýum syýasaty, ykdysadyýetimiziň durnukly ösüi we geçirlýän maliýe özgertmeler özüniň netijelerini berýär.

Dünýä ykdysadyýeti maliýe çökgünligini başdan geçirýän. maliýe çökgünligi sebäpli dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi pese düşüp, ýurtlaryň köpüsinde önümçilidiň depgini gowşady. Iş orunlary üzül-kesil azaldy, zähmet haklary peseldi. Dünýäde dowam edýän maliýe-ykysady çökgünlik döwründe milli ykdysadyýetimiziň ösüş depginini gowşamaýan depginde dowam etdirýändiginiň halkara derejesinde ykrar edilmegi diýseň buýsandyryjy ýagdaýdyr

Milli Lidermiziň amala aşyrýan özgertmelerinde ýurdumyzyň esasy strategik pudaklaryna döwlet eýeçiliginiň saklanyp galmagy, ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylyp ösdürilmegi, Durnuklaşdyryjy gaznasynyň döredilmegi iňňän möhüm ähmiýete eýe bolup, ol dünýä krizisiniň ýurdumyzyň ykdysadyýetine ýetirjek zyýanly täsiriniň öňüni almaklygy üpjün etdi.

Maliýe çökgünligi zerarly arzanlaýan harytlaryň satyn alnyşyny has köpeltmek barada hormatlyprezidentimiziň berebn tabşyryrgyesasynda daşyndan esasan gurluşyk, önümçilik enjamlaryndan ybaratdygyny bellesek, onda geljek ýylda gurluşyk we önümçilik binalarynyň sanynyň has hem

artjakdygy düşnüklidir. Dürli maksatly binalaryň has köp gurulmagy milli ykdysadyýetimiziň has çalt ösmegini üpjün etmekligi kepillendirýär.

Milli ykdysadyýetimiziň halkymyzyň sosial-medeni ýagdaýyny yzygider ýokarlandyrmaga, dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykýan dürli krizislere döz gelmäge, hatda beýleki ýurtlara kömek bermäge-de ukyplydyr.

## Halkara maýa goýumlary- ösüşleriň kepili

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýyly Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany Ýer ýüzüne meşhur eden ýyl hökmünde häsietlendirdi. Täze Galkynyş eýýamynyň uly üstünliklere beslenen gecen ýyly 2010-nji ýylda has-da ýokary netijeleri gazanmak üçin tükeniksiz ruhubelentlik döretdi, batly badalga berdi, bagtyýar geljege mizemz umyt döretdi. 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňeldilen mejlisinde milli Liderimiziň durmuşa ornaşdyrýan döwrebap özgertmeleri netijesinde dwersifikasiýa esaslanýan ykdysadyýetimizde guwandyryjy netijeler gazanylandygy nygtaldy.
Jemi içerki önüm babatdaky görkeziji deňeşdirme nyrhlarda geçen ýylyň 11 aýynda 2008-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 106,1 göterime barabar bolandygy aýratyn bellärliklidir.Çünki, dünýäniň köp ýurtlarynda maliýe-ykdysady çökgünligiň dowam edip, önümçiligiň peselýän, zähmet haklarynyň alýan, iş orunlarynyň gysgaldylýan häzirki döwründe şeýle ýokary makroykdysady görkeziji gazanmak diňe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ýaly tebigy serişdelere baý, ykdysadyýeti sazlaşykly ösýän döwletde mümkin bolýandygyny belläp geçmek guwandyryjydyr.

Içerki bazarlarymyzda esasy harytlara we hyzmatlara bolan nyrhlaryň öňküligine saklanýan şertlerinde 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýurdumyzda iş haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we talyp haklarynyň 10% ýokarlandyrylmagy hormatly Prezidentimiziň maliýe-ykdysady özgertmeleriniň dürs alnyp barylýandygynyň, milli manadymyzyň hümmetiniň durnukly saklanylýandygynyň subutnamasydyr. 2010-njy ýylda bolsa JIÖ 106,3 göterimden-de artdyrmaklyk göz öňünde tutulýandygyny-da aýdan ýagşy.

Hormatly Prezidentimiziň daşary syýasy-ykdysady gatnaşyklar babatdaky döwebap syýasaty halkara jemgyýetçiligi tapyndan uly goldaw tapýar. Ministrler Kabinetiniň mejlisinde 2009-njy ýylda milli Liuderimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň hökümet wekilýetiniň 15 gezek daşary ýurtlarda saparda bolandygy, daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň baştutanlygynda döwlet we hökümet wekiliýelriniň hem 15-isiniň Garaşsyz Diýarymyzda bolandygy we dürli derejedäki daşary ýurtlaryň, halkara guramalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklaryň geçirilendigi nygtaldy. Bilşimiz ýaly Türkmenistan Halkara derejsinde geçirilýän iri forumlaryň mekanyna öwrülip, ýygy-ýygydan dünýäniň işewür adamlarynyň, maýadarlarynyň, bilermenleriňiň ünsüni özüne çekip durýar. 2009-njy ýylda daşary söwda dolanyşygy artyp, 16,8 milliard ABŞ-nyň dollaryna barabar bolandygy-da milli Liderimiziň „Syýasat ykdysadyýete hyzmat etmelidir“ diýen öňdengörüjilikli parasatly ýörelgesiniň öz miweleini berýändigininiň aýdyň mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen durmuşa geçirilýän uly tutumlaryň aňrysy-bärisi ýok. Ajaýyp wakalaryň, şowly işleriň, beýik başlangyçlaryň, dost-doganlyk gatnaşyklarynyň rowaç alan 2009-njy ýylynda eziz Dýarymyzyň iň ösen döwletleriň hataryna çalt deňleşmegi ugrunda hormatly Prezidentimiziň tutumly işleriniň hatarynda

uly maýa goýumlaryny talap edýän Türkmenistan–Özbegistan-Gazagystan-Hytaý transmilli gaz geçirijisini, ,, Türkmen-Eýran“ gaz geçirijisini, giň gerimler bilen gurluşygy alnyp barylýan ,,Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyny, ulanylmaga berlen Atamyart–Kerkiçi demirýol köprüsini, Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen halkara demirýol geçelgesiniň gurluşygyny, ,, Altyn Asyr“ Türkmen kölüni we başgalary görkezmek bolar.

Türkmenistanda ýokary depginde dowam edýän ykdysady özgertmeleri halkara derejesinde hem örän ýokary baha mynasyp bolýar. Halkara pul gaznasynyň, Bütindünýä bankynyň, Ýewropa abatlaýyş we ösüş bankynyň ykdysady potensialy babatda hut şeýle oňat pikirdedirler.

Ata Watanymyzyň abraý-şöhratyny beýgeldip, has belentlkilere çykarmak üçin düýpli badalga berlen bu döwürde Milli Liderimiziň ykdysady özgertmelreine laýyklykda halkara maýa goýum işjeňligini artdyrmak ugrunda uly işler amala aşyryldy. Milli Liderimiz tarapyndan maýa goýumlary babatdaky halkara hyzmatdaşlygy ileri tutulyp ösdürilmek bilen, eziz Diýarymyz bu babatda barha örän özüne çekiji döwlete öwrülýär. Biz munuň hut şeýledigine 2009-njy ýylyň oktýabr aýynyň 15-17-ne Aşgabatda geçirilen ,,Türkmenisatnyň maýa goýumy” halkara forumynda bu has-da aýdyň ýüze çykdy. Bu halkara forumy daşary ýurtly maýadarlara ýurdumyzda ähmiýetli taslamalary maliýeleşdirmekde, özara peýdaly we netijeli hymatdaşlyk etmegiň ýollaryny ara alyp maslahatlaşmakda uly mümkinçilikleri döretdi.

Halkara derejesinde iri maliýe-ykdysasdy guramalarynyň, kompaniýalarydyr firmalarynyň 50–sinden wekilleri bu tutumly foruma gatnaşyp,onda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ugurda durnukly ösýändigi bellenildi, Garaşsyzyň ýurdumyzyň maýa goýum babatda dünýäde iň amatly döwletleriň biridigi barada ygtybarly aýdyldy. Ýurdumyzdaky syýasy taýdan asudalyk, döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan resmi

taýdan berlen baky Bitaraplyk statusy, durnukly durmuş-ykdysady ösüşimiz, daşary ýurt maýa goýumlarynyň ygtybarlylygynyň kanun taýdan kepillenditrilmegi, milli walýutamyzyň hümmetiniň dunuklylygy, häzirki zaman ulag aragatnaşyk infrastrukturaynyň üpjün edilmegi, maýadarlary höweslendirmek üçin döredilýän salgyt ,gümrük we beýleki ýeňillikler Hormatly Prezidentimiziň halkara maýa goýum syýasatynyň rowaçlanmagyna giň ýol açýar. Bu barada halkara forumda düýpli esalandyrylan gürrüň edilip, Halkara Pul Gaznasynyň bilermenleriniň gelen netjesi ýaly, Türkmenistany maýa goýumyny goýmak babatda ygtybarly-ynamdar, özüne çekiji ýurt hökmünde baha berildi. Bütindünýä bankydyr Ýewropa abatlaýyş we ösüş banky hem biziň maýa goýum mümkinçiliklerimize berýän bahasy-da hut şu kysmydyr.

Eýsem-de, biz Halkara forumynyň geçirilen günleri oňa gatnaşyjy iri kärhanalaryň wekilleriniň birnäçesi bilen söhbetdeş bolanymyzda hem bu babatda ýakymly garaýyşlar bilen tanşyp, ýurdumyzyň ykdysady ösüşleri babatda açylýan täze giň mümkinçiliklere ýene-de bir gezek göz ýetirdik. ,,Exploration & Prodistion- International-ConocopiPhillips“ kompaniýasynyň (ABŞ) wekili:

-Biz, energoresurslaryny döredýän taraplar, ýakyn hyzmatdaşlykda bolmalydyrys. Nebitgaz ýataklaryny işlemekde bizde örän uly tejribe toplandy. Tehnikalar we tehnologiýa, ökde hünärnmenler, bilermenler babatda giň mümkinçiliklerimiz bar. Biz halkara maýa goýum kapitalyna eýediris. Häzirki wagtda deňziň aşagyndaky nebitgaz ýataklaryny işlemeklik has giň gerimlere eýe bolýar. Biz dünýäniň köp ýerlerinde iri taslamalaryň amala aşyrylmgyna işjeň gatnaşýarys.Hazar sebitinde iş alyp barmaklyga hem döwtalaplyk bildirýaris. Şu nukdaý nazardan bolsa, Türkmenistan tarapyndan guralan şeýle abraýly horumyň ähmiýeti örän uludyr. Biz munuň üçin Türkenistanyň

Prezidentine we hökümetine öran minnetdardyrys- diýip aýdandygy bellärliklidir.

„Goetzpanrtners Management Gonsultantsiň“ wekili bolsa:

-Türkmenistan döwleti jemi önüm öndürmekde barha ýokary netijeleri gazanýar we önümleri daşary ýurtlara eksport etmeklik möhüm wezipe hökmünde ör boýuna galýar.Çig mal we tebigy resurslaryň eksporty ýokarlanýar. Munda göni daşary ýurt maýa goýumlary zerur. Türkmenistanyň öňde baryjy tehnologiýalar bilen has doly üpjün edilmegi üçin daşary ýurt maýalarynyň çekilmegi maksada laýykdyr- diýendigini we Türkmenistanyň häsiýetli aýratynlygy hökmünde maýa goýmak üçin öňän ygtybarly ýurtdygyny nygtandygyny, reformator Prezidentiň ýurdy döwrebaplaşdyrmakda gönüden-göni hereketlendiriji güýç bolup durmagy, döwrebap reformalaryň geçirilip durulmagy uly ösüşleriň kepilidir diýip tassyklandygyny, syýasy durnuklylylyk, asudalyk, endigan ykdysady ösüşler, Döwlet Býujetiniň talabalaýyklygy, milli puluň durnukly hümmeti, çar tarap bilen emele gelen dostlukly gatnaşyklar, kanunçylygyň barha pugtalandyrylmagy maýa goýmlar üçin bu ýurt bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin daşary ýurtly maýadarlary diýseň höweslendirýär-diýip nygtandygyny-da bellemek gerek.

Türkmenistan hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolabaşçylygynda maýa goýumlary babatda örän aýdyň syýasat alyp barýar. Şu ýerde Milli Liderimiziň:

Türkmenistany Yslam ösüş banky bilen köp ýyllyk netijeli hyzmatdaşlyk baglanyşdyrýar.Şol hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýurtda milli we halkara ähmiýetli taslamalaryň birnäçesi amala aşyryldy.- diýen sözlerini ýatlamak ýerliklidir. Türkmenistan bilen ýakyn hyzmatdaşlyk saklaýan Yslam ösüş bankynyň Prezidenti Ahmed Muhammed Ali Al Madaniniň bu

forumda „Dünýäde dowam edýäm maliýe çökgünligine garamazdan, Türkmenistan durmuş -ykdysady babatda durnukly ösüşini dowam etdirýýr we bu ugurlarda oňat perspektiwlalara garaşylýar. Munuň üçin bolsa ýurduň döwrebaplaşdyrylýan ykdysady potensialy, tebygy-energetiki resurslary, geografiki taýdan ýerleşişi giň mümkinçilikleri açýar" diýen sözleri biziň ýurdumyzyň maýa goýum potensialyna berlen mynasyp bahadyr.

## Yslam ösüş banky-ygtybarly hyzmatdaşymyz

Türkmenistanda daşary ykdyady gatnaşyjlarymyz barha giň gerimler bilen ýaýabaňlanýar. Yslam ösüş bankynyň Prezidenti Ahmed Muhammed Ali Al Madaniniň öz çykyşynda belleýşi ýaly, Türkmenistan hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolabaşçylygynda maýa goýumlary babatda örän aýdyň syýasat alyp barýar. Yslam ösüş banky bilen gatnaşyklar, hyzmatdaşlyklar babatda hem bu aýdyň ýüze çykýar. Dünýädäki iň iri maliýe institutlarynyň biriniň ýolbaşçysynyň nygtaýşyna görä, dünýäde dowam edýäm maliýe çökgünligine garamazdan, Türkmenistan durmuş ykdysady babatda durnukly ösüşini dowam etdirýar we bu ugurlarda oňat perspektiwlalara garaşylýar. Munuň üçin bolsa ýurduň döwrebaplaşdyrylýan ykdysady potensialy, tebygy-energetiki resurslary, geografiki taýdan ýerleşişi giň mümkinçilikleri açýar. Ol millli Liderimiziň ,,Türkmenistan- Özbegistan-Gazagystan-Hytaý“ Asyryň gaz geçirijisi, ,,Türkmen-Eýran“ gaz geçirijisi, Demirgazyk-Günorta“ geçelgesi babatdaky çözgütlerini taryhy çözgüt hökmünde örän adalatly häsiýetlerndirdi. Umuman alnanda, bu ýerde çykyş edenleriň ählisi-de eziz ýurdumyzda alnyp barylýan maýa goýum syýasatyna ýokary baha bermek bilen, şu halkara forumynyň

özara ykdysady gatnaşyklary has-da pugtalandyrmakda uly ähmiýetiniň boljakdygyny nygtamak bilen, öz leriniň bu ugurdaky anyk tekliplerini-de hödürlediler.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynda Garaşsyz baky Bitarap ýurdumyzyň düýpli maýa goýum babatda barha örän özüne çekiji döwlete öwrülýändigini dünýäniň belli maýdarlary doly ykrar edýärlerwe bu babatda açyk aýdýarlar. Mysal üçin geçen ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda „Türkneistanyň maýa goýumy“ halkara forumy geçirilen mahalynda  Yslam ösüş bankynyň  Prezidenti Ahmed Muhammed Ali Al Madaniniň „Dünýäde dowam edýäm maliýe çökgünligine garamazdan, Türkmenistan durmuş ykdysady babatda durnukly ösüşini dowam etdirýar we bu ugurlarda oňat perspektiwlalara garaşylýar. Munuň üçin bolsa ýurduň döwrebaplaşdyrylýan ykdysady potensialy, tebygy-energetiki resurslary, geografiki taýdan ýerleşişi giň mümkinçilikleri açýar" diýen sözlerini ýatlasymyz gelýär.

1994-nji ýyldan bäri YÖB-niň  agzasy bolup durýan Türkmenistanyň 2008-2009-njy ýyllarda Yslam ösüş bankynyň Dolandyryjylarynyň Geňeşine ýolbaşçylyk edendigini belläp geçmek ýerlilidir. Türkmenistan döwletim iz bu bankyň maliýe goldawy bilen,  ýurdumyzda saglygy goraýyş, ulag we aragatnaşyk ýaly ähmiýetli pudaklarda taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirildi we amala aşyrylmagy dowam edýär.

Yslam ösüş banky (YÖB) 1975-nji ýylda Yslam Konferensiýasy Guramasyna girýän ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine ýardam bermek maksady bilen döredildi. Ol yslam ýurtlarynyň senagat, oba hojalyk, infrastruktura we durmuş ugurly taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gatnaşýar.YÖB ýurduň ykdysadyýetini öz serişdeleri bilen bolşy ýaly, haçan-da uly möçberli taslamalar köp maliýe serişdelerini talap edýän halatynda konsorsium döretmek arkaly şärikli maliýeçileriň gatnaşmagynda maliýeleşdirýär.

Yslam ösüş banky we Utgaşdyryjy Toparlaryň Gaznalary bilen ösüş taslamalaryny maliýeleşdirmek babatynda utgaşykly özara hyzmatdaşlygy dowam etdirip gelýär we birnäçe wajyp taslamalary maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmeleri çekildi. Saud ösüş gaznasynyň Aşgabatdaky we Daşoguzdaky iki diagnostiki merkeziniň tehniki enjamlaşdyrylmagyny maliýeleşdirilmegine, Abu-Dabi ösüş gaznasy Aşgabatdaky nefrologiýa merkeziniň gurluşygynyň we "Arçman" şypahanasynyň abatlaýyş işleriniň maliýeleşdirilmegine,OPEK gaznasy Mary şäherindäki diagnostiki merkeziniň gurluşygynyň we Balkan welaýatynyň suw üpjünçilik taslamasynyň maliýeleşdirilmegine , Arap ykdysady ösüşiniň Kuweýt gaznasy Tejen-Mary awtoýolunyň böleklerinde abatlaýyş işleriniň maliýeleşdirilmegine gatnaşdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanda durmuşa grçirilýän taslamalar boýunça Ylalaşyga gol çekmek üçin 2010-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda Aşgabada gelen Yslam ösüş bankynyň Prezidenti Ahmed Muhammed Ali Al Madanini kabul edendigini we YÖB-niň ýolbaşçysynyň halkara gatnaşyklarynda özüni örän halal we ygtybarly hökmünde özüni tanadan türkmen döwletiniň sazlaşykly ykdysady ösüşini örän ýokary baha berendigini, Ysalam ösüş bankynyň geljegi uly bolan türkmen bazarynda öz ornuny giňeltmäge we netijeli özara hyzmatdaşlygy artdyrmaga uly gyzyklanma bildirýändigini nygtandygyny, buýsanç bilen bellläp geçesimiz gelýär. Munuň özi düşnüklidir, çünki, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň Halkara maýa goýum forumy daşary ýurtly maýadarlara ýurdumyzda ähmiýetli taslamalary maliýeleşdirmekde, özara peýdaly we netijeli hymatdaşlyk etmegiň ýollaryny araçalyp maslahatlaşmakda uly mümkinçilikleri döredýär. Garaşsyz Türkmenistan ykdysadyýetiniň durnukly ösýär we maýa goýum babatda dünýäde iň amatly ýurtdur. Ýurdumyzda dowam edýän

syýasy asudalyk, ýurdumyzyň baky Bitaraplyk derejesi, durnukly durmuş-ykdysady ösüşimiz, daşary maýa goýumlarynyň ygtybarlylygyny üpjün etmek boýunça kanunçylyk binýady üpjün edildi, maýadarlary höweslendirmek üçin döredilýän gümrük we beýleki ýeňillikler maýa goýum syýasatynyň dabralanmagyndaky wajyp şertlerdir.

2009-njy ýylyň 16-18-nji dekabrynda Türkmenistanyň Merkezi Banky we Türkemnistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky tarapyndan guralyp,Türkmenistanyň ministrlikleriniň hem-de edaralarynyň, YÖB-nyň we onuň Utgaşdyryjy Toparynyň gatnaşmagynda geçirilen “Tegelek stoluň” başyndaky duşuşygy we onuň netijeleri hem muňa anyk mysaldyr. Türkmenistanyň hökümetiniň birnäçe ýyldan bäri bu belli maliýe guramsy bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy saklap gelýändigini bellemek gerek.

Türkmenistanyň ykdysady ýagdaýyny gowulandyrjak birnäçe taslamalary

Diýarymyzyň ýurdumyzda amala aşyrýan durmuş-ykdysay özgertmelriniň mynasyp durmuşa ornaşdyrylmagyna öz oňaýly täsirini ýetirer.

Yslam ösüş bankyndan, Abu-Dabiniň ösüş gaznasyndan, Arap ykdysady ösüşiniň Kuweýt gaznasyndan we Saud ösüş gaznasyndan we Turkmenistanyň ministrliklerinden hem-de pudak edaralaryndan, Turkmenistanyň banklaryndan wekilleriň gatnaşmagyndaky bu duşuşykda ministrlikleriň hem-de pudak edaralarynyň maýa goýum taslamalarynyň 16-sy hödürlenilip, ol taslamalar sosial sferanyň kämilleşdirilmegine, transport-kommunikasion we senagat infrastrukturasynyň, telekommunikasiýalar sektorynyň döwrebaplaşdyrylmagyna, syýahatçylyk industriýasynyň, aýratyn-da, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy sektorynyň ösdürilmegi gönz öňünde tutldy. Saglygy goraýyş, bilim, ulag, gurluşyk sferasynda üstünlikli durmuşa geçirilen

taslamalaryň birnäçesi, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy sektoryny ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalar hem Türkmenistanyň Yslam ösüş banky bilen birnäçe ýyldan bäri dowam edip gelýän netijeli hyzmatdaşlygyň aýdyň mysalydyr.

Bu taslamalaryň Utgaşdyryjy toparyň agzalarynda gyzyklanma döredendigini bellemek gerek. Demirgazyk-Günorta demirýol magistralynyň gurluşygy häzirki wagtda Türkmenistanda Yslam ösüş bankynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýan möhüm taslamalaryň biridir, ol Pars aýlygyndaky portlara gysga ugry üpjün eder we Ýewropanyň hem-de Aziýanyň ulag ulgamlaryny birleşdirer.

Yslam ösüş banky tarapyndan Aşgabatda Diş Merkezini gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek, Mollagarada 600 orunlyk palçyk bilen kesel bejeriş merkezini gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek, Infuzion ergini öndürýän zawody gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek, Awazada 800 orunlyk sagaldyş merkezini gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek we synag-önümçilik merkeziniň gurluşygynyň taslamasy; Daşoguzyň howa menzilinde uçuşlary ýerüsti üpjün edýän enjamlary gurnamak bilen uzynlygy 3500 m. ybarat bolan uçuş-gonuş zolagynyň gurluşygynyň taslamasy;Tejen-Babadaýhan, Serdar-Magtymguly, Daşoguz-Köneürgenç, Türkmenabat-Daşoguz, Mary-Serhetabat ugurlar üçin optiki-süýümli aragatnaşyk toruny satyn almak we geçirmek taslamasy; Awazada medeni-tomaşa merkezini gurmak taslamasy; Balkanabat şäherini we oba ýerlerini suw bilen üpjün etmek üçin Ýazga kölüniň gündogar bölegini özleşdirmek taslamasy we Türkmenistan-Gazagystan (Bekdaş gümrük posty) 225 km. awto ýolunyň durkuny täzelemek taslamasy; Türkmenistanyň Bank ulgamynyň kiçi we orta kärhanalary goldamak üçin maliýeleşdirmegiň umumy ulgamy taslamasyny maliýeleşdirmekligiň göz öňünde tutlýandygyny-da belläp geçesimiz gelýär.

Türkmenistanyň Hökümet wekilleri bilen Utgaşdyryjy toparyň arasyndaky Duşuşyk ýazgysyna jemi ABŞ-nyň 950.0 mln. dollaryna deň bolan taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gol çekildi. Oňa laýyklykda, Türkmenabadyň howa menzilini giňeltmek we dörebaplaşdyrmak,“Bereket-Gyzylgaýa-Üzen” demirýol menziline habar beriji, merkezleşdirme, gabama ulgamyny, aragatnaşyk hem-de elektrik energiýasy bilen üpjün etjek enjamlary satyn almak we gurnamak,“Aşgabat-Garagum-Daşoguz” demirýol menziline habar beriji, merkezleşdirme, gabama ulgamyny, aragatnaşyk hem-de elektrik energiýasy bilen üpjün etjek enjamlary satyn almak we gurnamak, Türkmenistan-Gazagystan (Bekdaş stansiýasy) 225 km. awto ýolunyň durkuny täzelemek, Mollagarada 600 orunlyk palçyk bilen bejeriliş merkezini gurmak we enjamlaşdyrmak,Aşgabatda Diş merkezini gurmak we enjamlaşdyrmak,Infuzion ergini öndürýän kärhanany gurmak we enjamlaşdyrmak, Balkanabat şäherini we oba ýerlerini suw bilen üpjün etmek üçin Ýazga kölüniň gündogar bölegini özleşdirmek taslamasy, şol sanda ýurdumyzyň bank ulgamynyň kiçi we orta kärhanalary goldamak üçin maliýeleşdirmegiñ umumy ulgamyny hem maliýelşdiriler.

Mälim bolşy ýaly, 2009-njy ýylyň 2-3-nji iýunynda Aşgabatda geçirilen Yslam ösüş bankynyň Dolandyryjylar Geňeşiniň 34-nji ýyllyk duşuşygynyň netijeleri boýunça Yslam ösüş bankynyň agza ýurtlary türkmen ykdysadyýetine täze maýa goýumlaryny çekilmegini oňlady.Türkmenistan bilen Yslam ösüş bankynyň dostlukly hyzmatdaşlygynyň goňşy ýurtlaryň ykdysady ösüşine hem öz täsirini ýetirýändigini,olaryň durmuş hal-ýagdaýyny gowuladyrmaga ýardam edýändigini-de bellemek gerek. Mysal üçin, Bereket-Etrek-Gürgen ugry boýunça çekilýän täze demirýol magistraly diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem, Gazagystanyň we Eýranyň ykdysadyýetiniň ösmegine hem öz oňyn täsirini ýetirer.

Türkmenistana bu taslamalaryň ýerine ýetirilmeginde möhüm orun degişlidir. Doktor Ahmad Muhammed Ali Türkmenistanyň ykdysadyýetine serişde göýbermäge meýil edýän ähli maýadarlar bilen hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny nygtap gelmegi-de Türkmenistanyň maýa goýumlary babatda barha abraýynyň artýandygyna güwäsidir.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynda aýdyşlarey ýaly, bu bank bank birnäçe ýyldan bäri Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan Yslam ösüş banky we Utgaşdyryjy Toparlaryň Gaznalary bilen ösüş taslamalaryny maliýeleşdirmek babatynda utgaşykly özara hyzmatdaşlygy dowam etdirilip, Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça milli Maksatnamanyň çäginde birnäçe wajyp taslamalary maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmeleri çekildi.

Saud ösüş gaznasynyň ýardamy bilen Aşgabatdaky we Daşoguzdaky iki diagnostiki merkeziniň tehniki enjamlaşdyrylmagyny maliýeleşdirildi. Abu-Dabi ösüş gaznasy bolsa Aşgabatdaky nefrologiýa merkeziniň gurluşygynyň we “Arçman” şypahanasynyň abatlaýyş işleriniň maliýeleşdirilmegine,dünýäde iň tanymal gaznalaryň biri bolan OPEK gaznasy Mary şäherindäki diagnostiki merkeziniň gurluşygynyň we Balkan welaýatynyň suw üpjünçilik taslamasynyň maliýeleşdirilmegine,Arap ykdysady ösüşiniň Kuweýt gaznasy Tejen-Mary awtoýolunyň böleklerinde abatlaýyş işleriniň maliýeleşdirilmegine gatnaşdy.

Geçen ýylyň 16-18-nji dekabrynda Türkmenistanyň Merkezi Banky we Türkemnistanyň Daşary ykdysady iş döwlet banky tarapyndan guralyp,Türkmenistanyň ministrlikleriniň hem-de edaralarynyň, YÖB-nyň we onuň Utgaşdyryjy Toparynyň gatnaşmagynda geçirilen “Tegelek stoluň” başyndaky duşuşygyň özara ühyzmatdaşygy pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetiniň bolandygyny nygtamak gerek.Yslam ösüş bankyndan, Abu-Dabiniň ösüş gaznasyndan, Arap ykdysady

ösüşiniň Kuweýt gaznasyndan we Saud ösüş gaznasyndan şeýle hem ýurdumyzyň ministrliklerinden hem-de pudak edaralaryndan,Turkmenistanyň banklaryndan wekilleriň gatnaşmagynda geçirilen bu duşuşykda Türkmenistanyň il-ýurt bähbitli, durmuş ähmiýetli we Türkmenistanyň ykdysady ýagdaýyny gowulandyrjak birnäçe taslamalary maliýeleşdirmek barada gepleşikler geçirildi.

Bu halkara derejsindäki abraýly maliýe guramalary bilen işewür gatnaşyklary giňeltmäge ýardam berjek uly ähmiýetli çärede ministrlikleriň hem-de pudak edaralarynyň durmuş sferasynyň kämilleşdirilmegine, ulag-kommunikasiýa we senagat infrastrukturasynyň,telekommunikasiýalar sektorynyň döwrebaplaşdyrylmagyna, syýahatçylyk industriýasynyň, hususan-da, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy sektorynyň ösdürilmegine gönükdirilen maýa goýum taslamalary hödürlenilip, saglygy goraýyş, bilim, ulag, gurluşyk sferasynda üstünlikli durmuşa geçirilen taslamalaryň birnäçesi, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy sektoryny ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalar Türkmenistanyň Yslam ösüş banky bilen köp ýyllyk netijeli we konstruktiw hyzmatdaşlygyň nusgasy boldy.

Transmilli Demirgazyk-Günorta demirýol magistralynyň gurluşygy häzirki wagtda Türkmenistanda YÖB-nyň gatnaşmagynda amala aşyrylýan möhüm taslamalaryň biridir. Diş Merkezini gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek, Mollagarada 600 orunlyk palçyk bilen kesel bejeriş merkezini gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek, Infuzion ergini öndürýän zawody gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek, Awazada 800 orunlyk sagaldyş merkezini gurmak we enjamlar bilen üpjün etmek we synag-önümçilik merkeziniň gurluşygynyň taslamasy; Daşoguzyň howa menzilinde uçuşlary ýerüsti üpjün edýän enjamlary gurnamak bilen uzynlygy 3500 m. ybarat bolan uçuş-gonuş zolagynyň gurluşygynyň

taslamasy;Tejen-Babadaýhan, Serdar-Magtymguly, Daşoguz-Köneürgenç, Türkmenabat-Daşoguz, Mary-Serhetabat ugurlar üçin optiki-süýümli aragatnaşyk toruny satyn almak we geçirmek taslamasy; Awazada medeni-tomaşa merkezini gurmak taslamasy; Balkanabat şäherini we oba ýerlerini suw bilen üpjün etmek üçin Ýazga kölüniň gündogar bölegini özleşdirmek taslamasy we Türkmenistan-Gazagystan (Bekdaş gümrük posty) 225 km. Ulag ýolunyň durkuny täzelemek taslamasy; Türkmenistanyň Bank ulgamynyň kiçi we orta kärhanalary goldamak üçin maliýeleşdirmegiň umumy ulgamy taslamasyny maliýeleşdirmek göz öňünde tutuldy.

Bilşimiz ýaly, Türkmenistan-Eýran halkara gaz geçirijisiniň açylmagy bilen baganyşykly dabaralaryň geçirilýän günleri Aşgabada gelen YÖB-niň Prezidenti Ahmed Muhammed Ali Al Madaniniň gatnaşmagynda Gyzylgaýa-Bereket-Etrek demir ýolunyň ,,Bereket –Etrek böleginiň gurluşygynyň taslamasyny maliýleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Yslam ösüş banknynyň arasynda Istna'a Ylalaşygyna we Istna'a Ylalaşygyny durmuşa geçirmek hakynda Türkmenistanyň hökümeti bilen Yslam ösüş bankynyň arasyndaky Agentlik ylalaşygyna gol çekildi. Milli Liderimiziň Kararyna laýyklykda Demirýol ulaglary ministrligine Gyzylgaýa-Bereket-Etrek demir ýolunyň goşmaça we sowma ýollary goşmak bilen umumy uzynlygy 325 kilometr bolan Bereke-Etrek böleginiň we Bereket stansiýasynda lokomotiw deposynyň taslamasyny düzmek we olary ulanmaga doly taýýar edip gurmak barada Eýran Yslam respublikasynyň ,,Pars Energy“ kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alnanda umumy bahasy 696 million amerikan dollar bahasy bolan şertnamany baglaşmaga ygtyýar berldi.

Hawa, hormatly Döwletbaştutanymyzyň işjeň maýa goýum strategiýasy barha dabaralnaýar. Türkmenistanyň YÖB bilen bu

ugurdaky işjeň hyzmatdaşlygynyň-da eziz ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşlerinde uly orun eýelejekdigi äşgärdir.

### *Beýik Galknyş eýýamynyň žurnalistikasy we döwrüň möhüm meseleleri*

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler zamanasynyň ösüşleriniň strategiýasynda milli demokratiýanyň esasy sütünleriniň biri bolan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem mynasyp orny bardyr. Habar beriş serişdeleri arkaly jemgyýetçilik aňyny kemala getirmek, halka estetiki terbiýe bermek, täze milli Galkynyşyň we reformalaryň durmuşa ornaşdyrylmagyna gönükdirilen kanunlaryň,permanlardyr kararlaryň many- mazmunyny giňden düşyndirmek boýunça uly ähmiýetli işler geçirilýär. Ýurdumyzda amala aşyrylýan tutumly özgertmeler. HBS-de hemme taraplaýyn beýan edilýär, halky täze zähmet ýeňişlerine ruhlandyrmak, watançylyk ruhunda terbiýelemek ýaly ugurlarda möhüm işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň köpçülikleýin habar beriş serideleriniň işiniň döwrüň talabyna laýyklykda alnyp barylmagy ugrunda edýän gündeleik aladalarynyň žurnalistleri aýratyn guwandyrýandygyny bellemek gerek.

Milli Liderimiz teleradioýaýlymlarda taýýarlanylýan gepleşikleriň hiliniň döwrebap bolmagynyň möhümdigini bellemek bilen, bu ugurda zerur bolan çäreleriň toplumyny-da salgy berdi we maddy taýdan höweslendirmek arkaly olaryň döredijilikli işlemäge gönükdirilmeginiň oňat netije berjekdigini aýratyn nygtady. Milli Liderimiziň telewidenie we radio ýaýlymlarynda galam hakyny bellemek baradaky tagalllary žurnalistleriň möhüm işine elmydama mynasyp baha beriljekdiginden, şol sanda teleradio gepleşikleriniň hiliniň

aýratyn üns merkezinde saklanyljakdygyndan äşgär habar berýär.

Mälim bolşy ýaly, gazet-žurnallarda awtorlyk galam haklarynyň möçberi-de 2008-nji ýylyň iýul aýyndan ýokarlandyrylypdy.

Hormatly Prezidentimiziň paýtagtymyzda alnyp barylýan gurluşyklaryň iri taslamasynlary bilen tanşan mahaly sebitde iň iri telediňiň bina ediljek ýerine hem ýörite baryp görmegi, milli Liderimiziň ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini, hususan-da milli tele-radio ýaýlymlarynyň işini has döwrebaplaşdyrmak ugrunda tutanýerli tagallalary edýändigini ýene-de bir gezek aýdyň görkezdi.Nesip bolsa, döwrümiziň iň häzirki zaman telediňleriniň biriniň gurlup ulanylmaga berilmegi gyzykly we täsirli, ilhalar gepleşikleri taýýarlap,kämil hünär we ýokary hil derejesinde tomaşaçylara hödürlemek üçin ähli goşmaça mümkinçilikleri döreder.

„Polimeks” türk kompaniýasynyň gurýan boýy 211 metre deň bolan, deňiz derejesinden 1020 metr beýiklikde ýerleşýän, içki jaýlarynyň göwrümi 61 müň inedördül metre barabar bu ajaýyp desga soňra elektrik energiýasyna öwrülýän gün energiýasynyň ulanylajakdygy bilen aýratyn tapawutlanýar. Alternatiw energiýa çeşmelerinden ýerlikli peýdalanmaklygyň öňe sürülýän häzirki döwründe munuň özi örän ähmiýetli we özboluşly bir wakadyr. Şeýle hem iri medeni-dynç alyş merkezi hökmünde hyzmat etjek bu ymaratda restoranlaryň, kafeleriň, panoramalaryň boljakdygy we şonuň bilen birlikde, tele we radio žurnalistleriniň döwrebap işlemekleri üçin ähli şertleriň dörediljekdigi, onuň töweregindäki on gektar meýdanda bolsa medeni-dynç alyş zolagynyň giňden ýaýylyp gitjekdigi hormatly Prezidentimiziň täze gurulýan binalaryň, ymaratlaryň, desgalaryň dünýä ülňülerine laýyk gelmelidigi barada öňe sürýän döwrebap syýasatynyň gyşarnyksyz durmuşa

geçirilýänliginiň nobatdaky aýdyň subutnamasydyr. Bu ajaýyp häzirki zaman binasy bolan telediň eziz Diýarymyzyň beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamyny alamatlandyryp, täsin medeni toplum hökmünde gojaman Köpetdagyň etgini bezäp, paýtagtymyzyň görküne görk goşar.

, „Türkmen owazy“ teleýaýlymynyň açylmagynyň bolsa ýurdumyzyň medeni-jemgyýetçilik durmuşynda şanly wakalaryň biri bolandygyny-da, hut Döwletbaştutanymyzyň tagallalary bilen oba hojalyk ulgamynda türkmen obasynda bolup geçýän özgerilikleri beýan etmek maksady bilen, „ Bereketli toprak“ atly gazeriň çykarylyp gelinýändigini-de aýdyp geçen ýagşy.Milli Liderimiziň eziz Diýarymyzy dünýäniň iň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak ugrunda alyp barýan içeri we daşary syýasaty türkmen žurnalistikasyny hem has belent derejelere çykaryp, onuň gerimini has giňeltdi, many-mazmunyny has çuňlaşdyrdy. Bu gün türkmen žurnalistleri ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan beýik işleriň mynasyp ýyl ýazgyçysy- senenamaçysy hökmünde bagtyýar eýýamyň iňňän buýsandyryjy waklalarynyň şaýady hem-de gatnaşyjylary bolup durýarlar.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýöredilýän işjeň „Açyk gapylar” syýasaty bu gün türkmen žurnalistikasyny halkara derejesine çykarýar. Hormatly Prezidentimiziň tagalllary bilen türkmen žurnalistleriniň ençemesi hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady, şeýle hem, iş saparlary bilen daşary ýurtlaryň birnäçesinde boldular. Gazet-žurnallaryň sahypalarynda halkara temasyndaky uly göwrümli publisistik makalalar ýygy-ýygydan peýda bolýar, diýmek täze eýýam täzeçe işlemek bilen b irllikde, dünýä derejesine laýyk geljek makalalary ýazmaga çalyşmalydygyny-da talap edýär.Daşary ýurt gatnaşyklary bilen baglanyşykly seljerme häsiýetli makalalaryň barha köpeljekdigi, onuň adaty ýagdaýa öwrüljekdigi-de bigumandyr.

Öň şahyr-ýazyjylaryň eserleri, alymlaryň ylmy işleri gaýry dillere terjime edilip çap edilen bolsa,indi žurnalistleriň makalalary-da başga dillere terjime edilýär. Ýeri gelende, täze döredilen ,,Türükmenistanyň nebiti we gazy hem-de mineral serişdeleri”žurnalynyyň, ,,Diýar”, ,,Miras” ýaly žurnallaryň türkmençe, rusça we iňlis dillerinde çap edilýändigini, radio-tele ýaýlymlarda täzelikleriň hem 3 dilde berilýändigini, ,,Türkmenistan“ teleýaýlymynyň gepleşikleriniň 7 dilde göýberilýändigini, geljekde teleýaýlymlarynyň sanynyň 10-a ýetiriljekdigini-de belläp geçmek ýerliklidir. Indi daşary ýurt dilerini bilýän žurnalistler hem zerur bolup durýar. Daşary ýurtlardan biziň ýurdumyza gelip-gidýan žurnallistler hem az däl. Bu elbetde döwrüň talaby. Hormatly liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda bazar ykdysady gatnaşyklaryna ynamly girýän ýurdumyzyň baý tebigy, ykdysady, medeni, syýahatçylyk-sport potensiallaryny mahabatlandyrmak babatda dürli dillerde taýýarlanylmaly mahabat çärelerine hem ünsüň barha güýçlendirilýänligini, we bu ulgamda hem dil bilýän başarjaň žurnalistleriň zähmetiniň-de talap ediljekdigi we ukyply ýaşlaryň ýetişjekdigi-de ikuçsyzdyr.

## Milli demokratiýamyz dabaralanýar

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aşgabatda ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň, teleradio ýaýlymlarynyň ýolbaşçylarynyň, işgärleriniň, dünýäniň meşhur habar beriş serişdeleiriniň wekilleriniň şeýle hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünäri boýunça mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmagynda geçiren metbugat konferensiýasy ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda milli

demokratiýanyň we aýanlygyň durmuşa ornaşdyrylmagyny alamatlandyrýan möhüm waka boldy.

Milletimiziň Lideriniň ýer ýüzüne ýaň salan taryhy Nýu-Ýork sapary bu metbugat konferensiýasynyň baş temasy boldy.

Belent mertebeli Pezidentimiz maslahata gatnaşýan žurnalistleriň köpsanly sowallaryna jogap bermek bilen, Nýu-Ýorka bolan saparynyň çäklerinde geçirilen köp sanly duşuşyklaryň, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýsynyň 64-nji sessiýasynyň wise-başlygy hökmünde Türkmenistanistanyň hormatly Prezidentiniň belent müberden eden çuň mazmunly çykyşynyň eziz ýurdumyzyň abraý-mertebesini has-da belende götermekde uly ähmiýete eýe bolandygyny aýratyn nygtady.

Dünýä ýaň salan bu sapar göwründe wagtyň çäkliligi we iş tertibiniň wagt babatda gysbylygy zerarly duşuşmaklgy maksat edinen daşary ýurt taraplaryň diňe 3-den biri bilen duşumak üçin mümkinçiligiň bolandygyny Milli lierimizi belläp geçdi. Elbetde, munuň özi-de dünýä jemgyýetçiliginde hormatly Liderimiziň alyp barýan kostruktiw daşary syýasatynyň halkara derejsinde mynasyp baha eýe bolýandygyny häsiýetlendirýan ýagdaýdyr.

Hormatly Prezidentimiziň žurnalistleriň beren sowallaryna anykdan aýan jogap bermek bilen BMG tarapyndan resmi taýdan Bitarap derejesiniň ykrar edilmegini, Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa boýunça sebitleýin öňüni alyş diplomatiýasynyň döredilmegini we şopl statuslaryň çäginde sebitde parahatçylygy gorap saklamakda ýurdumyz arapyndan alnyp barylýan ynsanperwer işlewriň bu abraýly halkara guramsy bilen hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarydygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagynda dünýädäki müşgillikleri çözmekde , hususan-da, global parahatçylygy üpjün etmek, ýangyç-energetika, suw üpjünçiligi ýaly wajyp ugurlarda oňyn

çözgütleri tapmak babatda alyp barýan giň göwrümli we çuň mazmunly işleri halkara jemgyýetçiligi tzrapyndan makullanylýar we dünýäniň ençeme döwlet ýolbaşçylaeary tarapyndan uly goldaw tapýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň mandatyna eýe bolnandan soň, milli Liderimiziň tabşyrmagy bilen Garaşsyz Bitarap ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda ,,Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnykly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty" atly ýokary derejedäki Halkara forumy bu ugurdaky işlre uly badalga berdi. Şu ýylyň 23-nji aprelinde Aşgabatda bolan maslahatda garalýan meseläniň çözülmegi boýunça ýurdumyzyň çemeleşmeleri we teklipleri barada çykyş edeninde hem milli Liderimiz global ähmiýetli meseläniň sebitiň we dünýäniň halklarynyň millionlarçasynyň ykbalyna, abadançylygyna, bolçulygyna, parahatçylygyna gönüden-göni täsir edýändigini aýdyňlygy bilen tassyklady.

Milli liderimiziň tassyklaýşy ýaly, ählumumy energetika ulgamynda emele gelen hakyky ýagdaýa bir meňzeş obýektiw göz ýetrilmeginiň dünýäniň energetiki potensialyny ähli adamzadyň hyzmatyna goýmak üçin täze mümkinçilikeriň döredilmegine hemaýat etmek bilen, bu babatdaky halkara hyzmatdaşlygynyň oňat netije bermegini üpjün edip biler.

Hormatly Prezidentimiziň halkara derejesinde alyp barýan syýasy-ykdysady strategiýasy Merkezi Aziýa we Hazrýaka serhetlerinde durnuklylygy saklamakda, şol sanda dünýä maliýe çökgünliginden çykmakda hem ähmiýetlidigini belläp geçmek guwançlydyr.

Hormatly Prezidentimiziň metbugat konferensiýasynda nygtaýşy ýaly, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň işjeňligini dünýä halklarynyň parhatçylygyny, asudalygyny, durnuklylygyny mundan beýläk- de gorap saklamaklyga gönükdirilen ugurlarda kämilleşdirilmeginiň tarapdarydyr .Eziz

Diarymyz dünýä müşgillikleriniň oňyn çözgüdini gözläp tapmakda öz mynasyp goşandyny goşýar we bu ugurda dürli formatdaky hyzmatdaşlyga taýýardyr. Dünýäde Bitarap ýurt köp boldugyça, ol dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýe bolar. Türkmenistan şeýle döwletler bilen bu babatda toplan öz tejribesini paýlaşmaga taýýardyr.

Hormatly Prezidentimiziň maslatyň dowamynda „Alnyp barylýan ähli işleriň „Döwlet adam üçindir!“ diýen syýasata gönükdirilendir“ diýip bellemegi, ata watanymyzda bu ynsanperwer ýörelgäniň dowama dowam boljakdygyny ýene-de bir gezek subut etdi.

Milli Liderimiziň geçiren metbugat konferensiasynda dünýä möçberindäki möhüm ähmiýetli ençeme berlen sowala beren çuň mazmunly jogaplarynyň köpçülileýin habar beriş serişdeleri arkaly dünýä ýüzüne ýaýrap, beýik türkmen hakykatyny ýene-de bir gezek aýan etjekdigi bizde uly buýsanç döredýär.

Bu ähmiýetli dabarada çykyş eden habar beriş serişdeleriniň wekilleri AbŞ-nyň Nýu-Jersi ştatynyň Trenton şaherinde 24-nji sentýabr gününiň Türkmenistanyň Prezidentiniň güni diýlip yglan edilmegi we OňaHalkara informatizasiýa akademiýasynyň „ Habarly jemgyýeti ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin ähli habar beriş serişdeleriniň işgärleriniň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, ähli rowaçlyklary arzuw etdiler.

## Milli medeniýetimiziň sarpasy belent

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyna wise-başlyklyga saýlanan Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan şol uly abraýly halkara forumynda sebit derejesinde hyzmatdaşlyga we tutuşlygyna halkara syýasatyna degişli wajyp

meseleleriň uly toplumy boýunça öz pozisiýasyny beýan etdi.Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynda BMG we onuň düzümine girýän iri strukturalar bilen doly möçberli hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem pugtalandyrmak ileri tutulýan möhüm ugur bolup durýar. Ýurdumyz, şol sanda, ylma, medeniýete we bilime degişli meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň täze derejä ýetirilmegini we täze formatlarda alnyp barylmagyny göz öňünde tutýar.

Häzirki globallaşýan dünýä jemgyýetçiliginde ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşleriniň, özara dostlukly gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagynda gumanitar ulgamy, hususan-da,medeni ulgamy ösdürmeklige, bu ugurda döwletara, halkara bilelikdäki çäreleri geçirmeklige uly ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurtda we halkara derejesinde medeni ulgamy, sungaty ösdürmekde alnyp barylýan işleriň geriminiň barha giňeýändigi, ösdürilýändigi we çuňlaşdyrlýandygy diýseň buýsandyryjydyr.

,,Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny” ildeşlerimiziň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýä ülňülerine laýyk getirmegi nazarlaýandygy äşgärdir. Milli Maksatnamada milli medeniýetimizi we sungatymyzyň düýpli ösdürmek, onuň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak strategiýasynyň-da möhüm orun eýeleýändigini bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan durmuş-ykdysady özgertmeleniň ynamly alnyp barylmagy ýurdumyzda milli medeniýetimiziň we sungatymyzyň döwrebap ösdürilmegini üpjün edýändigi aýratyn buýsanç döredýär. Milli Liderimiziň:

-- Medeniýet, ýaş nesli milletiň gadymy ruhy däp-dessurlarynda terbiýelemek döwlet işiniň strategiýasynyň ileri tutulýan ugry

bolup durýar- diýip nygatmagy ýurdumyzda bu ulgamyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini aýdyň görkezýär.

Milli medeniýetimiziň we mirasymyzyň çyn howandary , mertebeli Döwletbaştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Döwlet sirkini döretmek barada, şeýle hem Daşoguzda täze taryhy-ülkäni öwreniş muzeýini gurmak barada karar etmegi ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleri bilen birlikde tutuş halkymyzyň kalbyny buýsançdan doldurdy.

Medeniýet we sungat işgärleriniň, habar beriş serişdeleriniň wekilleri hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda milli medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmekde, onuň maddy-tehniki binýadyny pugtlandyrmakda, milli medeni mirasymyzy dünýä ýaýmakda, onuň halkara at-abraýyny ýokary götermekde alyp barýan köpgyraňly işleri üçin örän hoşaldyrlar we göz öňünde tutulýan uly tutumlar üçin Döwlet Başdutanymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarlar.

Eýsem-de bolsa, hormatly Prezidentimiz tarapyndan dünýäde meşhur türkmen ahal-teke atlaryna berilýän uly ähmiýet, olary halkara derejesinde wagyz etmek, atçylyk sportyny düýpli ösdürmek boýunça durmuşa ornaşdyrylýan tutumly işleriň gerimi barada hem uzak gürrüň etmek bolardy. Ýöne, her ýylda ýurdumyz boýunça Türkmen bedewiniň milli baýram hökmünde dabaraly bellenilip geçilýändigini, ussart türkmen çapyksuwarlarynyň ýelden ýyndam bedewlerimiz bilen dürli halkara ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edip durýandyklaryny, eziz Diýarymyzyň ähli welaýatlarynda döwrebap aýlawlaryň gurlup, ýakyn wagtlarda ýurdumyzyň köpsanly medeni-köpçülik, sport çäreliniň geçirlýän binalarynyň üstüni doldurjakdygyny, şol sanda Döwletbaştutanymyzyň hut özüniň ýygy-ýygydan Aşgabatdaky atçylyk toplumyna baryp görýändigini, ezber çapyksywar hökmünde mahal-mahal, gamyş gulak, gyzdan gylykly, tagty

Süleýman türkmen bedewine atlanýandygy buýsanç bilen bellemegiň özi-de milli liderimiziň türkmen bedewine berýän çäksiz ähmiýetine, oňa bolan mähir-yhlasyna mynasyp baha bermek çin ýeterlik bolsa gerek.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sirk sungatyny gaýtadan dikeldip ösdürmeklige örän uly üns berýändigi ähli ildeşlerimizi buýsandyrýar. Milli Liderimiziň kabul eden Türkmen Döwlet sirikini döretmek baradaky Karary şan–şöhraty bütin dünýä dolan ahal-take bedewleriniň, türmen jigitleriniň gatnaşmagynda sirk sungatynyň dürli ugurlary boýunça tomaşa çärelerini guramak, milli sirkiň medeni derejesini yzygiderli ýokarlandyrylmagynyň gazanylmagynyny, ilatyň medeniýetli dynç alşyny guramagy düýpli gowulandyrmagy, geljekde milli sirk sungatyny has-da ösdürjek zehinli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek üçin öňaýly şertleri döretmekde uly ähmiýeti boldy.Täze gurlan Türkmen döwlet sirki Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň garamagyna degişli edilip, bu ministrligiň hasabynda duran, Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunda ýerleşýän bina maddy-tehniki enjamlary bilen Türkmen Döwlet sirkine berildi.

Döwlet sirkinde at üstündäki çalasyn oýunlar bilen bir hatarda sirk sungatynyň beýleki žanrlary boýunça hem dürli özüne çekiji çäreler giňden ýaýbaňlandyrylyp, tomşaçylara hezil berýär.

Medeniýet we sungat işgärleriniň, gazet-žurnallaryň, radio-telewideniýäniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen bu dabarada Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň talaplaryna we sargytlaryna laýyklykda ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini kämilleşdirmek barada hem düýpli gürrüň edildi. Köpçülikleýin habar serişdeleri beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamy bilen deň gadam urmalydyrlar. Jemgyýetçilik aňyny kemala

getirmek ,halka estetiki terbiýe bermekde,täze milli galkynyşyň we reformalaryň durmuşa ornaşdyrylmagynda, milli Liderimiz tarapyndan kabul ediýän Kanunlaryň,Permanlaryň, Karalaryň many- mazmunyny öz wagtynda düşündirmekde örän uly ähmiýete eýedirler.

Žurnalistler döwrebap pikirlenmegi, beýan etmegi başarmaly, ýüzleýliden, howaýy owadan sözlerden gaça durup, wakalary çuň beýan etmeli. Hiormatly Prezidentimiziň her bir sözi, her bir öňe sürýän ideýasy žurnalistler üçin çelgi bolmalydyr. Habar beriş serişdeleri döwrüň aýnasy bolmalydyr. Ol dogruçyl bolamylydyr.

Taryhy pursatlarda halkymyzyň, Watanymyzyň, milli Liderimiziň öňündäki möhüm borjy barada ýene-de bir gezek çuňňur oýlanmak her bir žurnalist üçin parzdyr. Täze türkmen ideologiýasynyň kemala gelmeginde, Beýik Galkynyşyň we özgertmeleriň durmuşa ornaşdyrylmagynda ähli medeniýet , sungat işgärleri bilen bir hatarda habar beriş serişdeleriniň wekillerine hem möhüm orun degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň ,,Döwlet adam üçindir!“ diýen ynsanperwer ýörelgesi barada oýlananyňda,Milli Liderimiziň ýurdumyzy dünýä ülňülerine laýyklykda ösdürmek strategiýasyna laýyklykda gumanitar ulgamy düýpli özgerdip toplumlaýyn ösdürmek baradaky tutumly işleri birin-birin gözüň öňünden hatar gurap geçýär. Milli Lierimiziň Meniň esasasy aldam halkymyň abadan, bolçulykly asuda durmuşy bolar“ diýen baş ýörelgesine ygrarlylykda türkmen halky üçin edýän ajaýyp tagallary üçin halkymyzyň, şol sanda ýurdumyzda medeniýeti, sungaty ösdürmek baradaky tagallalary medeniýet we sungat işgärleriniň ak ýürekden aýdýan alkyşlaryna buýsanç bilen goşulýarsyň.

Ruhy atamyz Magtymguly Pyragynyň:

-Ömür –saly artar alkyş alanyň” diýşi ýaly, goý hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, işleri rowaç bolsun!

## Medeniýet ulgamynyň we HBS-iň maddy-tehniki binýady pugtalanýar

Hormatly Prezidentimiziň yglan eden beýik Galkynyş syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde ykdysadyýetimizde gazanýan beýik hem ajaýyp üstünliklerimiz buýsanç döredýär.

Bu hormatly Prezidentimiziň alyp barýan maýa goýum syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyna, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamanyň», ýaşaýyş jaý gurluşygy boýunça işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzda maýa goýumlaryň esasy bölegi önümçilik pudaklaryny ösdürmeklige gönükdirilýär. Şunuň bilen bir hatarda sosial-durmuş desgalarynyň gurluşyk işleri hem giň möçberde maliýeleşdirilýär.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler zamanasynyň ösüşleriniň strategiýasynda milli demokratiýamyzyň esasy sütünleriniň biri bolan köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly jemgyýetçilik aňyny kemala getirmek, halka estetiki terbiýe bermek, täze Galkynyşyň we beýik özgertmelriň durmuşa ornaşdyrylmagyna gönükdirilen kanunlaryň,permanlardyr kararlaryň many- mazmunyny giňden düşyndirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyzda amala aşyrylýan tutumly özgertmeler HBS-de hemme taraplaýyn beýan edilýär, halky täze zähmet ýeňişlerine ruhlandyrmak, watançylyk ruhunda terbiýelemek ýaly ugurlarda möhüm işler amala aşyrylýar.

Hormatl y Prezidentimiziň köpçülikleýin habar beriş serideleriniň işiniň döwrüň talabyna laýyklykda alnyp barylmagy ugrunda edýän gündeleik aladalaryndan ugur almak bilen žurnalistleriň öz işlerini şol wajyp talaplardan ugur almak bilen amala aşyrýarlar.

Milli Liderimiz teleradioýaýlymlarda taýýarlanylýan gepleşikleriň hiliniň döwrebap bolmagynyň möhümdigini bellemek bilen, bu ugurda zerur bolan çäreleriň toplumyny-da salgy berdi we maddy taýdan höweslendirmek arkaly olaryň döredijilikli işlemäge gönükdirilmeginiň oňat netije berjekdigini aýratyn nygtady.

Sebitde iň iri telediňiň bina ediljek ýerine hem ýörite baryp görmegi, milli Liderimiziň ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işini, hususan-da milli tele-radio ýaýlymlarynyň işini has döwrebaplaşdyrmak ugrunda tutanýerli tagallalary edýändigini ýene-de bir gezek aýdyň görkezdi.Nesip bolsa, döwrümiziň iň häzirki zaman telediňleriniň bíriniň gurlup ulanylmaga berilmegi gyzykly we täsirli, ilhalar gepleşikleri taýýarlap,kämil hünär we ýokary hil derejesinde tomaşaçylara hödürlemek üçin ähli goşmaça mümkinçilikleri döreder. boýy 211 metre deň bolan, deňiz derejesinden 1020 metr beýiklikde ýerleşýän, içki jaýlarynyň göwrümi 61 müň inedördül metre barabar bu ajaýyp desga soňra elektrik energiýasyna öwrülýän gün energiýasynyň ulanylajakdygy bilen aýratyn tapawutlanýar.

Aşgabatda bina boljak döredijilik şäherjigi hem döredijilik intelligensiýasy üçin hormatly Prezidentimiziň uly sowgady bolar. Ýeri gelende, „Owaz“ radioýaýlymynyň, „Türkmen owazy“ teleýaýlymynyň açylmagynyň, onuň edara binasynyň gurlup ulanylmaga berilmegi bolsa ýurdumyzyň medeni-jemgyýetçilik durmuşynda şanly wakalaryň biri bolandygyny-da, hut Döwletbaştutanymyzyň tagallalary bilen oba hojalyk ulgamynda türkmen obasynda bolup geçýän özgerilikleri beýan

etmek maksady bilen, „ Bereketli toprak“ atly gazeriň çykarylyp gelinýändigini-de aýdyp geçen ýagşy.

Milli Liderimiziň eziz Diýarymyzy dünýäniň iň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak ugrunda alyp barýan içeri we daşary syýasaty türkmen žurnalistikasyny hem has belent derejelere çykaryp, onuň gerimini has giňeltdi, many-mazmunyny has çuňlaşdyrdy. Bu gün türkmen žurnalistleri ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan beýik işleriň mynasyp ýyl ýazgyçysy- senenamaçysy hökmünde bagtyýar eýýamyň iňňän buýsandyryjy waklalarynyň şaýady hem-de gatnaşyjylary bolup durýarlar.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýöredilýän işjeň „Açyk gapylar” syýasaty bu gün türkmen žurnalistikasyny halkara derejesine çykarýar. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen türkmen žurnalistleriniň ençemesi hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady, şeýle hem, iş saparlary bilen daşary ýurtlaryň birnäçesinde boldular. Gazet-žurnallaryň sahypalarynda halkara temasyndaky uly göwrümli publisistik makalalar ýygy-ýygydan peýda bolýar, diýmek täze eýýam täzeçe işlemek bilen b irllikde, dünýä derejesine laýyk geljek makalalary ýazmaga çalyşmalydygyny-da talap edýär.Daşary ýurt gatnaşyklary bilen baglanyşykly seljerme häsiýetli makalalaryň barha köpeljekdigi, onuň adaty ýagdaýa öwrüljekdigi-de bigumandyr.

Ýurdumyzyň žurnalistleri halkymyzyň, Watanymyzyň, hormatly Prezidentimiziň öňündäki wajyp borçlaryny abraý bilen berjaý etmek ugrunda tutanýerli zähmet çekýärler. Täze türkmen ideologiýasynyň kemala gelmeginde, beýik Galkynyşyň we özgertmeleriň durmuşa ynamly ornaşdyrylmagynda ähli medeniýet , sungat işgärleri bilen bir hatarda habar beriş serişdeleriniň işgärlerine hem möhüm orun degişlidir. Hut şonuň üçin-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri öz hünär derejelerini has

ýokarlandyrmak, döwrebap pikirlenmegi, wakalary çuň beýan etmegi, operatiw işlemegi ökdelik bilen başarmak wezipesine hötde gelmek ugrunda olar tutanýerli tagalla edýärler. Ilkinji nobatda bolsa hormatly Prezidentimiziň döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren taryhy duşuşygynda aýdan gymmatly ideýalaryny pugta özleşdirip, adam mertebesini şeýle belende göterýän beýik Galkynyş zamanasynda ata Watanymyzy şöhratlandyrmagyň hatyrasyna ähli ukyplaryny, başarnyklaryny gaýgyrman zähmet çekýärler.

Hormatly Prezidentimiziň sargyt edişi ýaly ýurdumyzyň habar beriş serişdelerinde täze durmuş-ykdysady strategiýany professional derejede şöhlelendirmek babatynda hem düýpli işler ýola goýuldy. „Altyn asyr” teleýaýlymynda berilýän ökde syýasatçy, ykdysadyýetçi toparlaryň gatnaşmagyndaky operatiw „tegelek stoluň” başyndaky gepleşiklerde bu has aýdyň ýüze çykýar.

Döwür bilen deň gadam urmaly . Hormatly Prezidentimiz beýik Galkynyş galkynyş we täze özgertmeler eýýamynyň täze ideologiýasynda„ Döwlet adam üçindir” diýen şygara daýanmalydyr” diýen ýörelgäni öňe sürmek bilen Türkmenistanyň dünýewi, demokratik, hukuk döwletginden ugur alynmalydygynyň möhümdigini aýratyn belledi.

Habar beriş serişdeleri kabul edilýän resminamalardan, Döwlet Baştutanymyzyň döredijilik işgärleriniň öňünde goýýan möhüm wezipelernden döwlet syýasatynyň möhüm ugurlaryny susup alýarlar we olary döredijilikli ösdürip, halka ýaýmaga çalyşýarlar. Bu günki gün habar beriş serişdeleriniň durmuş hakykatyny dogruçyl we takyk beýan etmeginde, beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynyň ajaýyp döwlet syýasatyny şöhlelendirmekde milli Liderimiziň eserleri, ýurdumyzda geçirilýän dürli derejelerdäki mejlislerde we forumlarda, daşary ýurtlarda geçirilýän ýokary derejedäki duşuşyklarda sözleýän sözleri ilkinji ýolgörkeziji çelgi bolup

durýar. HBS-iň işgärleri halkara internet habarlar ulgamyndan öz žurnalistik işlerinde başarjaňlyk bilenýerlikli peýdalanýarlar

Žurnalistleriň öňünde durýan esasy wezipe öz işlerini döwrüň talaplaryna laýyklykda üýtgedip, Ilkinhji nobatda bolsa, beýan edilýän temadan oňat baş çykaryp, döwrebap pikirlenmek bilen, halkymyzyň ruhy, ykdysady, medeni, syýasy galkynyşlaryny beýan etmegi başarmakdan, operariw-derhal işläp, ýüzleýlikden daş durup, žurnalistikanyň ähli žanrlaryny ýerlikli ulanyp, saýlanyp alnan temany çuň beýan etmekden ybaratdyr. Haçan-da žurnalistiň özi meselä belet bolanda, makala, teleradio gepleşikleri has janly we okyjylardyr tele görüjileriň,radio diňleýlileriň aňyna oňat ýetýär, onuň netijeliligi-de ýokary bolýar. Munuň üçin bolsa öz üstünde basa oturyp işlemelidigine öz üstünde basa oturyp işlemelidigine habar beriş serişdeleriniň işgärleri oňat düşünýärler. Žurnalistiň işi adaty hünärlerden wagt taýdan çäksizdigi bilen tapawutlanýar. Magtymguly Pyragynyň ,,Ýatsa-tursa hyýalyndan çykarmaz, haýsy işe maýyl bolsa admzat” diýen ajaýyp setirlerindäki ýaly, žurnalist öz işine gije-gündiz maýyl bolmaly, ony has kämilleşdirmäge ymtylmaly bolýar.

Ýurdumyzda alnyp barylýan syýasy-ykdysady özgertmelere täzeçe, professional derejede teswirlemeleri berip biljek hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, hormatly Prezidentinmiziň ýaş žurnalist kadrlaryny taýýarlanylmagyny pugta üns merkezinde saklaýandygyny bellemek ýakymlydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň sahypalarynda çap edilýän makallalardyr habarlaryň astynda ,,Magtymguly adyndaky TDU-nyň žurnalistika hünäriniň talyby“ diýen ýazga ýygy-ýygydan gabat gelinýändigi, ýa-da türkmen teleradioýaýlymlarynda gepleşikleri taýýarlaýan awtorlaryň, çykyş edýänleriň arasynda olara duş gelinýändigi buýsandyryjydyr. Hormatly Prezidentimiziň türkmen žurnalistikasynyň geljegi barada atalyk aladasy netijesinde

2007-2008-nji okuw ýylynda bu baýry ýokary okuw mekdebine žurnalistika hünäri boýunça ýaşlaryň kabul edilip başlanmagy türkmen žurnalistikasynyň taryhynda şanly wakalaryň biri boldy. Bu geljekki ýaş žurnalistleriň arasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmeniň Altyn asyry“ bäsleşiginiň ýeňijisi hökmünde hormatly Prezidentimiziň Altyn zynjyryna we pul sylagyna mynasyp bolan ukyply talybyň-da bardygy aýratyn bellärlikdir.

2008-2009-njy okuw ýylyndan täze açylan Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklar institutyna hem bu ugurdan talyplyga kabul edilip başllanmagy bolsa türkmen žurnalistikasynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň dünýäde barha abraý gazanýan daşary gatnaşyklarynyň has-da giňden ýaýýabňlanmagyna laýyklykda, täze döreýän halkara gatnaşyklary boýunça ýöriteleşen žurnalist kadrlarynyň taýýarlanylmagyna uly itergi berer.Ýeri gelende, Türkmen döwlet sport we syýahatçylyk we medeniýet institutlarynda hem habar beriş serişdeleri üçin hübärmenleriň taýýarlanylýandygyny-da bellemek gerek.

Habar beriş serişdeleriniň işgärleri metbugatyň döwrüň aýnasy bolup, ony dogruçyl beýan etmelidigine oňat düşünýärler, Watanyň, hormatly Prezidentimiziň öňündäki borçlaryna düşünmek bilen_öz işlerine ähli yhlaslaryny we başarnyklaryny siňdirýärler.

***

Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan durmuş-ykdysady özgertmelriniň ynamly alnyp barylmagy ýurdumyzda milli medeniýetimiziň we sungatymyzyň döwrebap ösdürilmegini üpjün edýändigi aýratyn buýsanç döredýär. Milli Liderimiziň:
-- Medeniýet, ýaş nesli milletiň gadymy ruhy däp-dessurlarynda terbiýelemek döwlet işiniň strategiýasynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar- diýip nygatmagy ýurdumyzda bu ulgamyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini aýdyň görkezýär.

Medeniýet we sungat işgärleriniň, habar beriş serişdeleriniň wekilleri köp adamly dabarada hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda milli medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmekde, onuň maddy-tehniki binýadyny pugtlandyrmakda, milli medeni mirasymyzy dünýä ýaýmakda, onuň halkara at-abraýyny ýokary götermekde alyp barýan köpgyraňly işleri barada uly buýsanç bilen gürrüň edip, bu ilbähbitli, döwletli resminamalar üçin, medeni ulgamda durmuşa ornaşdyrylýan iňňän möhüm işler, mundan beýläk amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan uly tutumlar üçin Döwlet Başdutanymyza tüýs ýürekden minnetdarlyk bildiridiler, alkyşlary aýtdylar.

